NATO
OTAN

# HYZMATDAŞLYK ARKALY HOWPSUZLYK



# HYZMATDAŞLYK ARKALY HOWPSUZLYK



# Sözbaşy

Şu kitapçada Ýewroatlantik hyzmatdaşlygy we onuň esasy usullaryndan durýan esasy ýörelgeleri düşündirmäge synanyşyk edildi. Onda esasy üns işiň esasy bäş ugruna: howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk meseleleri boýunça gepleşiklere, parahatçylygy saklamak boýunça hereketlere, harby özgertmelere, adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almaga, ylym hem-de daşky gurşaw ugurlarynda hyzmatdaşlyga berildi. Işiň bu ugurlary hyzmatdaşlygyň netijesinde Ýewroatlantik howpsuzlygyň nähili ýokarlanýandygyna, hyzmatdaşlygyň hyzmatdaş döwletler üçin nähili hakyky amaly ähmiýete eýe bolandygyna aýdyň mysal bolup hyzmat edýär. Hyzmatdaşlyk işleriniň dürli görnüşleri özgertmelere, demokratik gurluşlaryň ösmegine, hyzmatdaş döwletleriň diňe halkara bileleşiginiň agzalary hökmünde köp milletli hyzmatdaşlyga gatnaşmagyna görnetin oňat täsir edýärler.

Bir kitapçada hyzmatdaş ýurtlaryň NATO bilen bilelikde gatnaşýan işleriniň ähli gerimini we möçberlerini görkezmek mümkin bolmady. Işleriň şeýle görnüşlerine diňe bir Balkanlarda we Owganystanda parahatçylygy saklamak boýunça hereketler däl (olar barada köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde jikme-jik gürrüň berilýär), eýsem terrorçylyga garşy göreş, harby özgertmeler, howpsuzlygyň ykdysady ugurlary, adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almak, ýaraglaryň üstünden gözegçilik, tyl üpjünçiligi, howa hüjümine garşy goranyş, howa giňişligini peýdalanmagy guramak, ýaraglandyrma, bilim we okuw tälimi, ylym we daşky gurşaw, maglumat programmalary ýaly köp ugurlarda hyzmatdaşlyk etmekdir.

Şeýle hem, NATO iki hyzmatdaş döwleti – Russiýa we Ukraina, Ortaýer deňzi boýunça gepleşiklere gatnaşýan ýedi ýurt bilen aýratyn gatnaşyklary ýola goýdy. Şeýle-de, Demirgazyk atlantik bileleşigi 2004-nji ýylyň Oguz aýynda öňe sürlen başlangyçlaryň çäklerinde “uly” Ýakyn Gündogar sebitinde ýurtlar bilen hyzmatdaşlygyň mümkinçiliklerini öwrenýär. Şu kitapçada bu gatnaşyklara anyk garalmaýan hem bolsa, bu ýurtlar bilen bar bolan hyzmatdaşlyk we onuň geljegi Ýewroatlantik hyzmatdaşlygyň çäklerinde işleriň we döredilen usullaryň köp görnüşlerine esaslanýar.

# Mazmuny

## HYZMATDAŞLYK ARKALY


4__ Hyzmatdaşlygyň gözbaşlary we ösüşi

8__ Esasy usullar

14__ Howpsuzlyk ugrunda gepleşikler we hyzmatdaşlyk

18__ NATO bileleşigine girýän ýurtlaryň we hyzmatdaş döwletleriň kartasy












<u>Bellik</u>: Şu neşirde öňki Ýugoslaw Respublikasy Makedoniýa salgylanmalar ”*Türkiýe Makedoniýa Respublikasyny konstitusion ady boýunça ykrar edýär*”–diýen çykgydy görkezýän ýyldyzjyk (*) bilen bellenendir.

<u>Suratlar üçin hukuklar</u>: Ähli suratlar üçin hukuklar (aýratyn ýagdaýlardan başga ýagdaýlarda) © NATO degişlidir.

# HOWPSUZLYK


**20__** Parahatçylygy gorap saklamak baradaky tagallalar

**24__** Harby özgertmeler

**29__** Adatdan daşary ýagdaýlary öňünden Duýdurmak we täsirlenmek

**33__** Howpsuzlyk, ylym we daşarky gurşaw



© Finnish Defence Forces









**36__** Ýewroatlantik howpsuzlygyň hakyky medeniýeti

# Hyzmatdaşlygyň gözbaşlary we ösüşi

1989-njy ýylyň Sanjar aýynda Berlin diwary ýykyldy. Bu "Sowuk urşuň" tamamlanandygyny aňladýardy. Merkezi we Gündogar Ýewropada bolup geçýän özgermeleriň güýçli depginli gysga döwrüň içinde NATO-nyň öňünde häsiýeti boýunça düýpgöter täze howpsuzlyk çagyryşlarynyň ýüze çykmagyna getirdi. Syýasy özgermeleriň görlüp-eşidilmedik gerimi Ýewropada diňe bir howpsuzlygy pugtalandyrmak üçin uly mümkinçilik döretmän, eýsem gutulgysyz ýagdaýda nämälim ýagdaýlary hem özi bilen getirdi we durnuksyzlyk mümkinçiliklerini döretdi.

Bu mümkinçiliklerden peýdalanmak we "Sowuk uruş" döwründäki gapma-garşylyklardan soňra, täze, amatly ýagdaýda Ýewropa howpsuzlygynyň meselelerini çözmek üçin, nämeler edip boljakdy? Ýewropanyň, Gündogaryň we Günbataryň ähli ýurtlarynyň arasynda gatnaşyklary kadalaşdyrmak üçin nähili hereketler edip boljakdy? Merkezi we Gündogar Ýewropanyň ýaňy-ýakynda garaşsyzlyga eýe bolan döwletlerine olaryň bu garaşsyzlygy berkitmegi üçin nähili ýardamy berip boljakdy hem-de demokratik ýurtlar hökmünde howpsuzlygyň köpmilletleri öz içine alýan meselelerini sebit we bütindünýä derejesinde çözmäge uly möçberde gatnaşmaga ymtylyşlary durmuşa geçirmek üçin nähili hereketler etmelidi?

Demirgazyk atlantik bileleşiginiň ýolbaşçylary 1990-njy ýylyň Gorkut aýynda ýokary derejede Londonda geçen duşuşykda bu soraglara jogap berdiler. Olar Gündogar bilen Günbataryň arasyndaky uzaga çeken bölünişigi ýeňip geçip, öňki garşydaşlaryna dostluk gollaryny uzatdylar we Merkezi hem-de Gündogar Ýewropanyň ähli ýurtlaryna hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny teklip etdiler. Şeýlelikde, 1991-nji ýylyň Bitaraplyk aýynda umumy ynjalyksyzlanma döredýän meseleleri ara alyp maslahatlaşmak üçin maslahat beriji guramany– Demirgazyk atlantik hyzmatdaşlyk geňeşini – DAHG döretmek üçin şertler döredildi. Ol NATO bileleşigine girýän ýurtlary we täze hyzmatdaş döwletleri birleşdirdi. (Şol döwürde Ýewropada bolup geçýän özgermeleriň depginleri şeýle bir ýokarydy welin, hatda DAHG-nyň birinji maslahatynda-da taryhy waka bolup geçdi: jemleýji kararyň kabul edilýän wagtynda sowet ilçisi maslahatyň dowam edýän wagtynda Sowet Soýuzynyň dargandygyny, onuň diňe Russiýa Federasiýasynyň adyndan wekilçilik edýändigini habar berdi).

Gatnaşyklardaky bu düýpli özgerme Demirgazyk atlantik bileleşigiň 1991-nji ýylyň Sanjar aýynda yglan edilen täze strategik ýörelgesinde berkidildi. Onda howpsuzlyk meselelerine giňişleýin täzeçe çemeleşme kabul edildi.

> "Sowuk urşuň" tamamlanmagy bilen, howpsuzlygy pugtalandyrmak we hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin täze mümkinçilik döredi.




© ullstein bild-Schnürer



"Bu Hyzmatdaşlyk Yewroatlantik sebitde durnuklylyk we howpsuzlyk diňe hyzmatdaşlyk hem-de bilelikdäki hereketler arkaly gazanylyp bilner diýen umumy ynamyň aňladylmasy hökmünde döredilýär. Demokratiýa arkaly adamyň esasy azatlyklaryny, hukuklaryny, parahatçylygy, adatlylygy, goramak we ösdürmek Hyzmatdaşlyk üçin örän möhüm ähmiýeti bolan umumy gymmatlyklardyr."

(Parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlyk: çarçuwalaýyn resminama, Brýussel Maslahaty, 1994-nji ýylyň Türkmenbaşy aýynyň 10-y.)

Demirgazyk atlantik bileleşigiň maksatlaryna ýetmek üçin mümkinçilikler öň hiç wagt bolmadyk derejesinde ýokarydy. Goranyşy üpjün etmek wezipeleri birinji derejeli möhümliligine galýan hem bolsa, tutuş Ýewroatlantik sebitde durnuklylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmaga ýardam bermek üçin, ykdysady, durmuş we ekologiýa meselelerine has köp üns bermek mümkindi. Gepleşikler we hyzmatdaşlyk bu ugruň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Bu Demirgazyk atlantik bileleşigiň ýüzbe-ýüz bolmaly bolýan dürli çagyryşlaryna garşy durmak üçin zerurdy. "Sowuk uruşdan" soňra düşünişmezligiň ýa-da maksadyň netijesinde çaknyşyklaryň döremek howpuny azaltmak; NATO boýunça soýuzdaşlaryň howpsuzlygyna täsir edýän dartgynlyklary dolandyrmagy kämilleşdirmek; ähli Ýewropa döwletleriniň arasynda özara düşünişmegi we ynamy berkitmek; howpsuzlygyň umumy meselelerini çözmekde hakyky hyzmatdaşlyk üçin mümkinçilikleri giňeltmek esasy maksatlara öwrüldi.

Gös-göni "Sowuk uruşdan" soňky döwürde DAHG-de maslahatlaşmalar "Sowuk uruş" döwründen galan rus goşunlaryny Baltika döwletlerinden çykarmak ýaly howpsuzlyk meselelerine gönükdirildi. Şeýle hem howpsuzlygyň we goranyşyň birnäçe meseleleri boýunça syýasy hyzmatdaşlyk başlandy. DAHG dürli ugurlar boýunça täze ýörelgeleri (ýollary) açdy. Emma onuň işinde esasy üns köptaraply syýasy gepleşiklere berildi. Bu aýry-aýry hyzmatdaş döwletleriň NATO bilen gatnaşyklary özbaşdak ösdürmek mümkinçiliklerini aradan aýyrdy.

Bu ýagdaý 1994-nji ýylda "Parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlyk" (PHH) maksatnamasy – NATO bilen aýry-aýry hyzmatdaş döwletleriň ikitaraplaýyn amaly hyzmatdaşlygynyň baş maksatnamasy kabul edilenden soňra üýtgedi. Ol hyzmatdaşlyk öňe örän möhüm ädim boldy. Ahyrsoňy, 1997-nji ýylda Ýewroatlantik hyzmatdaşlyk geňeşi (ÝAHG) döredildi. Ol DAHG-niň ýerine döredildi. Hyzmatdaşlyk üçin ýollary açmak we eýýäm gazanylan ösüşiň esasynda onuň çalt hereket etmegini güýçlendirmek onuň maksadyna öwrüldi.

Köpmilletli derejede arkalaşygyň we hyzmatdaşlygyň mazmuny tutuş Ýewroatlantik sebitiň çäklerinde düşünişmegi we birek-birege ynamy ýokarlandyrmaga gönükdirilen yzygider maslahatlaşmalary hem-de işleriň bilelikdäki görnüşlerini geçirmekden ybaratdyr. Şeýle hyzmatdaşlyk ikitaraplaýyn derejede, olaryň anyk ýagdaýlaryna we talaplaryna laýyklykda, aýry-aýry hyzmatdaş döwletler bilen NATO-nyň arasynda hakyky iş gatnaşyklaryny göz öňünde tutýar.

Hyzmatdaşlyk işi ähli gatnaşyjy ýurtlaryň arasynda gepleşikleri we özara düşünişmegi giňeltmegi göz öňünde tutýar. Olaryň köpüsi geçen döwürde garşydaşlar bolupdylar we biri-birine garşy durýan bileleşikleriň agzalarydylar ýa-da öňden gelýän sebit, çäk, syýasy, etniki özara ýa-da dini dawalara gatnaşypdyrlar. Umumy howpsuzlyk çagyryşlaryna garşy durmakda umumy çözgütleri gözlemäge gönükdirilen bilelikdäki işleriň görnüşleri geçen döwrüň düşünjelerini ýeňip geçmekde we hyzmatdaşlykdan özara bähbitleri anyk görmegi emele getirmekde möhüm üstünlikleri gazanmaga mümkinçilik berdi.

Bu ugurda päsgelçilikleriň we kynçylyklaryň duş gelendigine garamazdan, hyzmatdaşlyk işiniň başlanan döwründen bäri uly ösüş gazanyldy. Bu Merkezi we Gündogar Ýewropada, şeýle hem öňki Sowet Soýuzynyň düzümine giren ýurtlarda syýasy, ykdysady we durmuş özgermeleriniň gidişini gürrüňsiz göz öňünde tutmagyň netijesinde mümkin boldy. ÝAHG we PHH maksatnamasy NATO-nyň we onuň hyzmatdaşlarynyň hyzmatdaşlygyň döredilen usullaryna esaslanyp, howpsuzlyk ugrunda çäreleri görüşlerine baglylykda durnukly ösdüler hem-de öz ösüş ýoluna eýe boldular. Bu ýyllar içinde NATO-nyň üýtgeýän howpsuzlyk ýagdaýynyň täze çagyryşlaryna garşy durmak üçin dürli özgertmelere sezewar edilendigi sebäpli, Hyzmatdaşlygyň ösüşi hem dowam etdi. Onuň ösüş depginini we zerurlygyny saklamak üçin, Demirgazyk atlantik bileleşiginde Hyzmatdaşlygyň işiniň hem-de usullarynyň ähli görnüşlerini NATO-nyň täze ilkinji nobatdaky wezipelerini çözmäge laýyk getirmek zerurdy (*“Esasy usullar” babyna seret*).

Şonuň bilen birlikde, Hyzmatdaşlygyň dürli hyzmatdaş döwletleriň isleglerine laýyk gelmegi, olar üçn ähmiýetini saklamagy üçin, ony çuňlaşdyrmak we giňeltmek zerurdy. NATO-nyň düzümini giňeltmegiň iki tapgyry NATO-nyň agzasy döwletler bilen Hyzmatdaşlaryň arasyndaky san taýdan deňagramlylygy üýtgetdi (*goşunda seret*). 2004-nji ýylyň Nowruz aýyndan başlap NATO-nyň agzasy döwletleriň sany Hyzmatdaşlaryň sanyndan artyk gelip başlady. Şonuň bilen birlikde, indi galýan hyzmatdaş döwletler juda dürli toparlara wekilçilik edýärler. Olara heniz hem öz “geçmişdäki mirasyny” ýeňip geçmek bilen meşgullanýan Balkan ýurtlary, strategik taýdan möhüm, gowşak ösen Kawkaz we Merkezi Aziýa ýurtlary, şeýle hem birleşmedik Günbatar Ýewropa ýurtlary girýärler. Olaryň käbiri öz goranmak düzümlerini we harby kuwwatyny döredýän wagtynda, beýleki bir topary NATO-nyň ýolbaşçylygy astynda hereketleri alyp barmak üçin harby bölümlerini, öz hyzmatdaşlaryna maslahatlar, okuw tälimleri görnüşindäki ýardamy we dürli ugurlarda goldawlary teklip edip bilýär.

Häzirki wagtda hyzmatdaş döwletleriň ýigrimisi NATO-nyň agzasy döwletleriň ýigrimi altysy bilen ÝAHG-da howpsuzlygyň we goranmagyň dürli ugurlaryna degişli meseleler boýunça hyzmatdaşlyk edýärler. Olaryň ýaragly güýçleriniň wekilleri, köplenç, biri-biri bilen özara bileleşikli hereket edýärler. Olar bilelikde harby okuwlary (türgenleşikleri) geçirýärler, olaryň harby gullukçylary egin-egne berip, NATO-nyň baştutanlygynda ýaraşdyryjy hereketlere gatnaşýarlar, terrorçylygyň howpuna garşy göreşde bilelikde hereket edýärler. “Sowuk urşuň” gutaran wagtynda, Ýewroatlantik sebitde strategik ýagdaýda dartgynly wakalaryň ýüze çykjakdygyny hiç kim öňünden aýdyp bilmezdi.

NATO-nyň hyzmatdaşlyk syýasatynyň ilkibaşky maksady bar bolan päsgelçilikleri ýeňip geçmekden we gepleşikler hem-de hyzmatdaşlyk arkaly howpsuzlygy üpjün etmekden ybaratdy. Häzirki wagtda bu maksatlar has uly gerime eýe boldy, sebäbi hyzmatdaş döwletler NATO bilen bilelikde terrorçylykdan, köpçülikleýin gyryş ýaraglaryny ýaýratmakdan, garşylyk görkezmäge ukypsyz döwletlerden gaýdýan XXI asyryň howpsuzlygyna çagyryşlara garşylyk görkezmäge girişdiler.

## NATO BOÝUNÇA SOÝUZDAŞLAR WE HYZMATDAŞLAR

Şu ýyllar içinde Hyzmatdaşlyga otuz döwlet – Awstriýa, Azerbaýjan, Albaniýa, Ermenistan, Belarus, Bolgariýa, Wengriýa, Gruziýa, Irlandiýa, Gazagystan, Gyrgyzystan Respublikasy, Latwiýa, Litwa, Moldawiýa, Polşa, öňki Ýugoslaw Respublikasy Makedoniýa*, Russiýa Federasiýasy, Rumyniýa, Slowakiýa, Sloweniýa Şweýsariýa, Şwesiýa, Täjigistan, Türkmenistan, Özbegistan, Ukraina, Finlýandiýa, Horwatiýa, Çeh Respublikasy, Estoniýa goşuldy.

1997-nji ýylda Özara gatnaşyklar, hyzmatdaşlyk we howpsuzlyk hakynda Russiýa-NATO gatnaşyklaryny esaslandyryjy namasyna hem-de aýratyn hyzmatdaşyk hakynda Ukraina-NATO hartiýasyna gol çekilenden soňra, Russiýa we Ukraina bilen aýratyn gatnaşyklar ösüp başlady. Bu döwür içinde, Russiýa-NATO geňeşi döredilenden soňra, Russiýa bilen gatnaşyklaryň berkemegi bolup geçdi. Geňeşde deňlik esasynda Russiýanyň we NATO boýunça soýuzdaşlaryň wekilleriniň maslahatlary geçýär. 2002-nji ýylyň Sanjar aýynda Ukraina-NATO- hereket ediş meýilnamasy kabul edilenden soňra, NATO bilen Ukrainanyň arasynda gatnaşyklary çuňlaşdyrmak we gineltmek boýunça ädimler ädildi. Olar Ukrainanyň ýewroatlantik howpsuzlyk düzümine doly birleşmek babatda özgertmeleri geçirmek boýunça edýän tagallalaryny goldamaga niýetlenendir.

Hyzmatdaş döwletleriň onusy NATO boýunça soýuzdaşlara öwrüldiler. 1999-njy ýylda Demirgazyk atlantik bileleşigine Wengriýa, Polşa, Çeh Respublikasy girdi, soňra, 2004-nji ýylda Bolgariýa, Latwiýa, Litwa, Rumyniýa, Slowakiýa, Sloweniýa, Estoniýa bileleşigiň agzalary boldular. Üç döwlet (Albaniýa, öňki Ýugoslaw Respublikasy Makedoniýa* we Horwatiýa) oňa agza bolmaga taýýarlyk görýärler.

Bosniýa we Gersegowina, Serbiýa we Çernogoriýa hem Parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlyga hem-de Ýewroatlantik hyzmatdaşlyk geňeşine birleşmegi göz öňünde tutýarlar. NATO olaryň isleglerini goldaýar, emma şonuň bilen birlikde, bu ýurtlardan birnäçe talaby ýerine ýetirmeklerine garaşylýar. Olara öňki Ýugoslawiýa üçin döredilen Halkara jenaýat tribunasy, hususan-da, harby jenaýatlary etmekde güman edilýän we şoňa görä-de belli bolan Radowan Karajiçi we Ratko Mladiçi tutmakda iri möçberli hyzmatdaşlyk etmek degişlidir. Şol bir wagtda-da, NATO eýýäm harby özgertmeleri geçirmekde Bosniýa we Gersegowina goldaw berýär. Howpsuzlygy üpjün etmekde Serbiýa we Çernogoriýa bilen hem çäklendirilen hyzmatdaşlyk alnyp barylýar. Ol harby gullukçylary we raýatlary Demirgazyk atlantik bileleşigi bilen tanyşdyrmak üçin NATO tarapyndan geçirilýän okuwlarda okatmagy, dartgynlygy dolandyrmak, parahatçylygy saklamak boýunça hereketleri, harby-raýat hyzmatdaşlygyny öz içine alýar.



# Esasy usullar

NATO Ýewroatlantik hyzmatdaşlyk geňeşinde (ÝAHG) öz hyzmatdaşlary bilen yzygider maslahatlaşýar. Ol onuň hyzmatdaşlary bilen gatnaşyklarynyň doly möçberli syýasy esasy bolup hyzmat edýär. Şeýle hem her bir hyzmatdaş döwlet Demirgazyk atlantik bileleşigi bilen Parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlygyň (PHH) çäklerinde aýratyn gatnaşýklary ýola goýup biler. Işleriň amaly görnüşlerini öz içine alýan bu maksatnama hyzmatdaşlaryň özlerine hyzmatdaşlygyň ilkinji nobatdaky wezipelerini saýlap almaga mümkinçilik berýär. Hyzmatdaşlygyň bu iki usuly ýewroatlantik howpsuzlygynyň gurluşynyň esasy böleklerine öwrüldi.

Ýokary derejede Madridde (1997 ý.), Waşingtonda (1999 ý.), Pragada (2002 ý.), Stambulda (2004 ý.) geçen duşuşyklarda NATO boýunça soýuzdaşlar bilen gatnaşyjy döwletleriň arasynda hyzmatdaşlygy mundan buýana-da çuňlaşdyrmak boýunça ädimler ädildi. Bu başlangyçlar hyzmatdaşlygyň esasynda ýatýan umumy gymmatlyklara we ýörelgelere esaslanandyr hem-de NATO-nyň Hyzmatdaşlygyň esasy maksadyna: Ýewroatlantik sebitde we onuň çäklerinden daşarda parahatçylygy hem-de durnuklylygy pugtalandyrmaga, ösdürmäge hemişe eýerýändigini görkezýär.

## HYZMATDAŞLYGYŇ ESASY DÖWÜRLERI

**1991 ý.** Demirgazyk atlantik hyzmatdaşlyk geňeşiniň birinji mejlisi.

**1994 ý.** "Parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlyk" (PHH) maksatnamasynyň kabul edilmegi.
NATO-nyň ýanyndaky hyzmatdaş döwletler hereketiniň açylmagy.
Ýewropada NATO-nyň ÝGG-niň Ýokary baş ýolbaşçylygynyň ştabynda (Ýewropada NATO-nyň ÝGG-niň ÝBÝ) hyzmatdaşlygy utgaşdyryjy toparynyň döredilmegi.

**1995 ý.** Ýewropada NATO-nyň ÝGG-niň ÝBÝ-synda Halkara utgaşdyryjy geňeş döredildi.

**1996 ý.** Hyzmatdaş döwletler Bosniýa boýunça parahatçylykly ylalaşygy durmuşa geçirmek üçin döredilen güýçlerde NATO-nyň baştutanlygynda gatnaşýarlar.

**1997 ý.** Ýewroatlantik hyzmatdaşlygy (ÝAHG) geňeşiniň Sintrde (Portugaliýa) birinji mejlis.
Ispaniýanyň Madrid şäherinde NATO we ÝAHG arasyndaky ikinci ýygnak we PHH-niň roly artýar.

**1998 ý.** Tebigy betbagtçylyklarda we heläkçiliklerde hereket etmegiň Ýewroatlantik merkeziniň döredilmegi we Tebigy betbagtçylyklarda we heläkçiliklerde hereket ediji goşun bölüminiň döredilmegi.

**1999 ý.** Üç hyzmatdaş döwletiň: Wengriýanyň, Polşanyň, Çeh Respublikasynyň NATO girmegi.
Gepleşikleriň we hyzmatdaşlygyň meseleleri NATO-nyň howpsuzlygy üpjün etmekde ilkinji nobatdaky wezipeleriniň aýrylmaz bölegi hökmünde Demirgazyk atlantik bileleşigiň Baş ýörelgesine girizildi.
Ýokary derejede geçen Waşington duşuşygynda PHH-ni mundan buýana-da giňeltmek we bu maksatnamanyň operatiw ähmiýetini ýokarlandyrmak hakynda karar kabul edildi.
Hyzmatdaş döwletleriň harby bölümleriniň NATO-nyň baştutanlygynda Kosowo üçin güýçleriň düzüminde ýaýbaňlandyrylmasy bolup geçdi.

**2001 ý.** Ruhnama aýynda ÝAHG-niň mejlisi boldy.
Onda ABŞ-da bolan terrorçylyk hereketleri ýazgaryldy we terrorçylyga garşy göreşmek boýunça borçnama kabul edildi.

**2002 ý.** Ýokary derejede Pragada geçen duşuşykda işleriň seljerilmegi ÝAHG-nyň we PHH-niň güýçlenmegine itergi berdi.
Terorizme garşy Hyzmatdasşlyk Plany başladyldy.

**2003 ý.** Hyzmatdaş döwletler NATO-nyň baştutanlygynda Owganystanda halkara howpsuzlyga ýardam beriş güýçleriniň düzümine öz goşun bölümlerini goşdular.

**2004 ý.** Ýedi hyzmatdaş döwlet (Bolgariýa, Latwiýa, Litwa, Rumyniýa, Slowakiýa, Sloweniýa, Estoniýa) NATO girdi.
Stambulda ýokary derejede geçen duşuşykda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak boýunça ädimler ädildi.
Goranyş institutlaryny döretmek boýunça Hyzmatdaşlygyň Stambul hereket ediş meýilnamasy kabul edildi.

# Ýewroatlantik hyzmatdaşlyk geňeşi

Ýewroatlantik hyzmatdaşlyk geňeşi NATO ýurtlaryny we hyzmatdaş döwletleri birleşdirýär. Häzirki wagtda oňa kyrk alty döwlet girýär. Ol köptaraply guramadyr. Onda syýasat we howpsuzlyk meseleleri boýunça hemişe gepleşikler hem-de maslahatlaşma alnyp barylýar. Şeýle hem ol NATO bilen Parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlyga gatnaşýan ýurtlaryň arasynda ösýän aýry-aýry ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň syýasy esasy hökmünde çykyş edýär.

1997-nji ýylda ÝAHG-ny döretmek hakynda kararyň kabul edilmegi Demirgazyk atlantik hyzmatdaşlyk geňeşiniň üstünlikleriniň esasynda öňe gitmek babatda ymtylyşlaryň subutnamasy boldy. Şu maksat bilen, Hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmak we onuň operatiw ornuny ýokarlandyrmak üçin, howpsuzlygyň maslahat beriji düzümi döredildi. Ol NATO-nyň PHH-niň çäklerinde hyzmatdaş döwletler bilen gatnaşyklarynyň köptaraply häsiýetine has doly laýyk gelýär. Bu, şeýle hem, Bosniyada we Gersegowanida ýaraşdyryjy hereketler bilen baglanyşykly döredildi. 1996-njy ýylda bu ýurtlara NATO-nyň harby gullukçylary bilen bilelikde gulluk etmek üçin hyzmatdaş döwletleriň on dördüsiniň harby gullykçylary iberildi. Bu karar ugurdaş görlen Parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlygyň işiniň ähli görnüşleri boýunça kararlary kabul etmäge we meýilnamalaşdyrmaga gatnaşmagyna gönükdirilen çäreleriň üstüni ýetirdi. Şeýle hem ÝAHG-niň döredilmegi ilkibaşda oňa öň Warşawa şertnamasyna giren döwletleri çekmäge niýetlenen bu Hyzmatdaşlygyň düzümine girmäge birleşmedik Günbatar Ýewropa ýurtlary üçin açyk etmäge mümkinçilik berdi.

Syýasatyň we howpsuzlygyň gündelik meseleleri boýunça gysga möhletli maslahatlaşmalara goşmaça hökmünde ÝAHG-da dürli ugurlar boýunça uzak wagtlyk maslahatlaşmalar we hyzmatdaşlyk alnyp barylýar. Olar dartgynlygy düzgünleşdirmek, parahatçylygy goramak boýunça hereketler meselelerini; sebit meselelerini, ýaraglanmanyň üstünden gözegçiligi we köpçülikleýin gyryş ýaraglaryny ýaýratmak bilen baglanyşykly meseleler; halkara terrorçylyk; meýilnamalaşdyryş, býujeti emele getirmek we baş ugur ýaly goranyş meselelerini; adatdan daşary raýat meýilnamalaşdyrylyşyny we adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni alyş; harby-tehniki hyzmatdaşlygy; ýadro howpsuzlygyny; howa hereketini dolandyrmakda harby-raýat utgaşdyrmasyny; ylmy hyzmatdaşlygy öz içine alýar.

> Ýewroatlantik hyzmatdaşlyk geňeşiniň mejlisi NATO-nyň baş sekretarynyň baştutanlygynda geçýär.




ÝAHG-nyň işi dürli nusgalaryň giň möçberinde guralyp bilner. Bu ara alyp maslahatlaşmagyň mowzugyna baglylykda, NATO boýunça soýuzdaşlar bilen hyzmatdaşlaryň arasynda duşuşyklary geçirmäge ýa-da düzümi boýunça çäklendirilmedik az sanly işçi toparlarynda işlemäge mümkinçilik berýär. Onuň işiniň çeýe häsiýeti onuň üstünliginiň girewidir.

Hyzmatdaş döwletleriň köpüsi NATO-nyn ştab-kwartirasynda öz diplomatik wekilhanalaryny açdy. Bu yzygider gatnaşykda bolmagy ýeňilleşdirýär we şeýle zerurlyk ýüze çykanda, her gezek maslahatlaşmany geçirmäge mümkinçilik berýär. ÝAHG-niň sessiýalary her aý ilçileriň derejesinde, her ýyl daşary işler ministrleriniň, goranmak ministrleriniň, baş karagähleriň başlyklarynyň derejesinde, käwagt ýokary derejede-de geçirilýär. 2005-nji ýyldan ÝAHG-nyň ýokary derejedäki täze forumynyň işi başlaýar. Ol mejlislere howpsuzlygyň möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşmak we olarda NATO-nyň we hyzmatdaş döwletleriň bilelikdäki tagallalarynyň çäklerinde olary çözmegiň meselelerine garamak maksady bilen geçirilýär.

# Parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlyk

“Parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlyk” maksatnamasy Demirgazyk atlantik bileleşigiň daýanýan amaly hyzmatdaşlygyna we demokratik ýörelgelere eýermäge esaslanandyr. Ol durnuklulygy berkitmegi, parahatçylyga salynýan howpy azaltmagy, ayry-aýry hyzmatdaş döwletler bilen NATO-nyň, şeýle hem hyzmatdaş döwletleriň arasyndaky pugta gatnaşyklary ýola goýmagy öz öňünde maksat edip goýýar.

PHH maksatnamasynyň mazmuny – her bir döwletiň anyk isleglerini göz öňünde tutup, aýry-aýry hyzmatdaş döwletler bilen NATO-nyň arasynda hususy esasda döredilýän hyzmatdaşlykdyr. Ol gatnaşýan döwletiň hökümeti tarapyndan saýlanyp alynýan depginde we derejede durmuşa geçirilýär. Parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlygyň çäklerinde PHH-nyň maksatnamasynyň wezipelerini we maksatlaryny goldamaga hem-de onuň taglymatlaryny hakyky işe geçirmäge mümkinçilik berýän dürli gurallaryň toplumy işlenip taýýarlandy. Aşakda şeýle gurallara we başlangyçlara garalandyr. Olar ikitaraplaýyn we kötaraplaýyn hereketlere esas döredýärler hem-de hyzmatdaşlara netijelilik, aýdyňlyk ýörelgelerinde guralan, hyzmatdaşlaryň NATO-nyň işine gatnaşmagyny goldamaga gönükdirilen maksatnamalara gatnaşmaga mümkinçilik berýär.



> 2000-nji ýylyň Magtymguly aýynda Horwatiýanyň wekili bilen “Parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlyk” çarçuwaly resminama gol çekişilýän pursaty.

“Parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlyk” maksatnamasynyň resmi esasy bolup çarçuwaly resminama hyzmat edýär. Onda her bir hyzmatdaş döwletiň anyk borçlary beýan edilýär. Ähli hyzmatdaşlar giň möçberli syýasy borçlary– demokratik jemgyýetiň esaslaryny saklamagy, halkara hukugynyň ýörelgelerini goldamagy; BMG-niň Tertipnamasy boýunça borçlaryny, Ählumumy adam hukuklarynyň jogapnamasyny, Helsinki Jemleýji namasynyň we ýaragsyzlanmak we ýaraglaryň üstünden gözegçilik hakynda halkara ylalaşyklary; güýç arkaly howp abandyrmakdan we ony beýleki döwletleriň garşysyna ulanmakdan saklanmagy; bar bolan serhetleri saklamagy, dawalary parahatçylykly ýollar bilen çözmegi öz üstlerine alýarlar. Şeýle hem, ýaragly güýçleriň üstünden demokratik gözegçiligi girizmek, ylalaşdyryş hem-de gumanitar hereketlerine NATO bilen bilelikde hereket ediş güýçlerini we serişdelerini döretmek maksady bilen, milli harby meýilnamalaşdyryşda we goranyş boýunça býujeti döretmekde anyklygy ýokarlandyrmak boýunça takyk borçnamalar kabul edilýär. Şeýle çarçuwaly resminama NATO-nyň agzalarynyň islendik hyzmatdaş döwlet bilen maslahatlaşmak borçnamasyny berkidýär. Ol çäk bitewiligine, syýasy garaşsyzlyga ýa-da howpsuzlyga howpy göz öňünde tutýar.
Bu usul, mysal üçin, Albanýa we öňki Ýugoslaw Respublikasy Makedoniýa* bilen Kosowo dartgynlygy döwründe ulanyldy.

Hyzmatdaş döwletler öz ymtylmalaryna we mümkinçiliklerine baglylykda işiň aýry-aýry görnüşlerini saýlap alýarlar. Soňra Hyzmatdaşlygyň hususy maksatnamasy NATO we anyk hyzmatdaş döwlet tarapyndan tassyklanýar. Şeýle iki ýyllyk maksatnamalar giň “menýunyň” esasynda, her bir ýurduň anyk bähbitlerine we isleglerine laýyklykda düzülýär. Şeýle hyzmatdaşlykda esasy üns goranmak işi, harby özgertmeler we harby özgertmeleriň getiren netijelerini düzetmek bilen baglanyşykly meselelere berilýär. Emma, şonuň bilen birlikde, harby syýasaty, meýilnamalaşdyryşy, harby-raýat gatnaşyklaryny, bilimi we okuw tämilini, howa hüjümine garşy goranyşy, maglumatlar ulgamyny we aragatnaşygy, dartgynly ýagdaýda hereket etmegi we adatdan daşary raýat meýilnamalaşdyryşyny goşmak bilen, NATO-nyň ähli ugrlaryna degip geçýär.

Ýokary derejede 1999-njy ýylyň Gurbansoltan aýynda geçen Waşington duşuşugynda möhüm başlangyçlar öňe sürüldi. Olar Parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlyk ugruny çalt güýçlendirmäge, hyzmatdaş döwletleriň PHH-niň çäklerinde kararlary kabul etmäge we meýilnamalaşdyrmaga gatnaşmagyny giňeltmäge gönükdirilendir. Olara "Operatiw mümkinçilikler ýörelgesi" we "Harby-syýasy çäkler" resminamalaryny kabul etmek hakynda başlangyçlar degişlidir. Operatiw mümkinçilikleri ýokarlandyrmakda hyzmatdaş döwletlere harby gullukçylara okuw-bilim tälimini öwretmek arkaly ýardam bermek maksady bilen, Okuw-bilim tälimini bermegi ýokarlandyrmak boýunça maksatnama hem kabul edildi.

Operatiw mümkinçilikler ýörelgesi NATO-nyň baştutanlygynda PHH hereketleriniň gidişinde Demirgazyk atlantik bileleşigiň we hyzmatdaş döwletleriň ýaragly güýçleriniň bilelikde hereket etmek ukyplaryny ýokarlandyrmak üçin işlenip taýýarlandy. Onuň maksady NATO-nyň baştutanlygynda PHH-niň geljekki hereketlerini geçirmek hem-de tyly üpjün etmek üçin bölünýän dürli goşun bölümlerinden döredilýän goşun toparyny döretmek işine uly çeýelik bermekden ybaratdyr. Bu usulda şeýle hereketleri geçirmäge ukyply bar bolan güýçlere we serişdelere aýratyn üns berilýär. Şeýle goşun bölümlerini NATO-nyň baştutanlygynda toparlara birleşdirmek hyzmatdaş döwletleriň we Demirgazyk atlantik bileleşigiň goşunlarynyň, dolandyryş edaralarynyň, şeýle hem olaryň bölümleri bilen düzüm bölümleriniň arasynda berk iş gatnaşyklaryny ýola goýmaga ýardam edýär. Bu gatnaşyklar parahatçylyk döwründe ýola goýulýar we soňra hemişe ösdürilýär. Ýokary derejede geçen Stambul duşuşygynda operatiw mümkinçilikleriň ýörelgesi amala aşyrylanda operatiw laýyk geliş standartlarynyň we onuň bilen baglanyşykly işe baha bermegiň NATO-nyň usullary boýunça getiriljekdigi hakynda karar kabul edildi.

"Harby-syýasy çäkler" atly resminamada hyzmatdaş döwletleriň syýasy maslahatlaşmalara, karar kabul etmek işlerine, operatiw meýilnamalaşdyryşa, baştutanlyk etmek usullaryna gatnaşyklaryna degişli ýörelgeler, görnüşler we beýleki düzgünler beýan edilýär. Stambul maslahatynda eýýäm irki döwürde hyzmatdaşlary kararlary kabul etmäge taýýarlyk işine çekmegiň zerurlygy nygtaldy. Bu çarçuwaly resminamanyň düzgünleri NATO-nyň baştutanlygynda hyzmatdaş döwletleriň gatnaşmagynda geçirilýän ähli hereketlerde, şeýle hem hyzmatdaşlar tarapyndan NATO-nyň okuw we PHH-niň Maksatly gaznalaryny döretmek ýaly beýleki işlerine ýardam bermekde ulanylýar.

Hyzmatdaş döwletleriň hyzmatdaşlygyň gündelik işine goşulyş derejesini ýokarlandyrmak üçin, NATO-nyň käbir karargählериniň ýanynda PHH-nyň "karargäh bölekleri" – hyzmatdaş döwletleriň serkerdelerinden jemlenen karargäh operatiw toparlary döredildi". NATO-nyň Mons şäherinde (Belgiýa) ýerleşýän ÝGG-sinde Komandowaniýäniň ýanynda döredilen hyzmatdaşlygyň utgaşdyryjy topary PHH-niň söweşjeň taýýarlygynyň we okuwlarynyň meselelerini utgaşdyrmaga ýardam edýär. Mundan başga-da Halkara utgaşdyryjy hereketlere gatnaşmak üçin öz goşun bölümlerini bölüp berýän, NATO girmeýän ýurtlaryň ählisiniň wekillerine mejlisler zallaryny, meýilnamalaşdyryş boýunça işler üçin otaglary berýär (*23 sah. seret*).

Hyzmatdaş döwletleriň goşun birikmeleri bilen NATO-nyň güýçleriniň arasynda ýaraşdyryjy hereketlerde özara bilelikde hereket etmegiň derejesini ýokarlandyrmak üçin, PHH-niň meýilnamalaşdyryş we seljeriş işi (MSI) döredildi. Onuň çäginde bölünip berilýän güýçlere we serişdelere bildirilýän operatiw laýyk gelişiň we talaplaryň ýol görkeziji ýörelgeleri kesgitlenýär. Bu proses ep-esli derejede, Balkanlarda we Owganystanda NATO-nyň baştutanlygynda parahatçylygy saklamak boýunça hereketler wagtynda hyzmatdaşlygyň güýçlendirilmegine ýardam etdi. MSI usuly NATO-nyň ýaragly güýçlerini döretmegiň meýilnamalaşdyryş nusgasy boýunça döredildi we hyzmatdaşlara goşmaça esasda hödürlenilýär. Bu prosese her bir gatnaşyjy ýurt bilen onuň talapyndan kabul edilýän meýilnama görkezijilerini ara alyp maslahatlaşma geçirilýär, soňra gazanylan ösüşi çuň seljermek boýunça çäreler geçirilýär. MSI-niň talaplary ýyl geçdigiçe has ýokary we toplumlaýyn häsiýete eýe boldy. Olar indi harby kuwwaty kämilleşdirmek boýunça meseleler bilen baglanyşyklydyr. Şeýle meseleleri NATO boýunça soýuzdaşlar öz öňlerinde goýýarlar. MSI hyzmatdaşlar tarapyndan netijeli, gymmat däl, ýeterlik ýaragly güýçleri döretmek we harby özgertme boýunça işi işjeňleşdirmek üçin hem ulanylýar. Bu usul, mysal üçin, Ukrainada geçirilen ähli taraply harby özgertmelerde esasy orna eýe boldy (*25-nji sah. seret*).

Hyzmatdaşlygyň birnäçe başlangyçlary hyzmatdaş döwletlere harby özgertmeleriň netijelerini aradan aýyrmaga ýardam edýär, hususan-da, oňa MSI-niň maksatly gaznalaryny döretmäge gönükdirilen syýasat itergi berýär (*28 goşunda seret.*). Maksatly gaznalar ýurtlara pyýada goşuna garşy minalary, artykmaç ýaraglary ýok etmekde, şeýle hem harby gullukçylary täzeden taýýarlamakda we harby binýatlary üýtgedip gurmakda ýardam edýärler.



© SWISSINT

> KFOR-yň Şweýsariýa degişli dikuçary Priştinanyň üstünden uçýar: hyzmatdaşlykda esasy üns NATO-nyň baştutanlygyndaky ýaraşdyryjy hereketleriň gidişinde hyzmatdaşlygy ösdürmäge berilýär.

## Hyzmatdaşlygyň çuňlaşdyrylyşy

NATO bilen hyzmatdaş döwletleriň arasynda hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmak boýunça mundan buýana ädimler Pragada 2002-nji ýylyň Sanjar aýynda ýokary derejede geçen duşuşykda ädildi. ÝAHG-nyň we Parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlygyň işiniň hemmetaraplaýyn seljerilmeginiň netijesinde, hyzmatdaş döwletler bilen syýasy gepleşikleri güýçlendirmek we olaryň gatnaşýan isleriniň görnüşlerinde olaryň meýilnamalaşdyrylyşa, alyp barma we gozegçilige gatnaşyşyny giňeltmek teklip edildi.

Pragada geçirilen maslahatda hyzmatdaşlygyň täze usuly – Hyzmatdaşlygyň hereket ediş meýilnamasy hödürlendi. Seýle meýilnamalaryň ilkinjisi Hyzmatdaşlygyň terrorçylyga garşy hereket ediş meýilnamasy boldy (*15 sah. seret*). Mundan başga-da, Hyzmatdaşlygyň hereket etmeginiň özbaşdak meýilnamasy (HHEÖM) hödürlendi. Ol Demirgazyk atlantik bileleşige diňe çäreleriň “menýusyny” saýlap almaga däl, eýsem içerki özgertmelerine, hususan-da, goranyş we howpsuzlyk pudagyna, olaryň anyk islegleri hem-de ýagdaýlary boýunça has yzygiderli ýardam bermek hakynda gyzyklanýan hyzmatdaş döwletleriň haýyşlaryna maksada gönükdirilen ýardamy bermäge mümkinçilik berýär (*goşunda seret*).

Pragada gazanylan ösüşiň esasynda, 2004-nji ýylyň Oguz aýynda ýokary derejede Stambulda geçen duşuşykda ýewroatlantik hyzmatdaşlygy güýçlendirmek we aýry-aýry hyzmatdaş döwletleriň isleglerini hem-de mümkinçiliklerini göz öňünde tutup, örän möhüm mowzuk meselelerini çözmek boýunça çäreleriň birnäçesi kabul edildi. Bu duşuşykda goranyş institutlaryny döretmek boýunça Hyzmatdaşlygyň hereket ediş meýilnamasy kabul edildi. Onuň wezipesi netijeli we demokratik jogapkärli goranyş edaralaryny döretmekde hyzmatdaş döwletlere ýardam we goldaw bermekdir (*24 s. seret*).

Öz goşun bölümlerini bölüp berýän ýurtlaryň karar kabul etmegiň eýýäm irki döwürlerine gatnaşmagy we hyzmatdaş döwletleriň syýasy maslahat bermeleri geçirmek mümkinçilikleriniň giňeldilmegi olara NATO-nyň baştutanlygyndaky hereketlere öz goşandyny goşmaça mümkinçilik berer. Muňa goşmaça hökmünde, Operatiw mümkinçilikleriň ýörelgesi giňeldiler we Hyzmatdaşlara NATO-nyň ÝGG-sinde transformasiýa boýunça Komandowaniýasynyň ýanynda öz wekilhanalaryny açmaga mümkinçilik berler. Onuň wezipesi Demirgazyk atlantik bileleşiginiň ýaragly güýçleriniň we harby kuwwatynyň özgerdilişiniň hemişelik gidişine ýardam bermekdir we gözegçilik etmekdir. Bu harby ugurda NATO-nyň güýçleri bilen hyzmatdaşlaryň güýçleriniň operatiw laýyk gelmegini ýokarlandyrar we olaryň goranyş düzümleriniň NATO-nyň operatiw ornunyň we harby kuwwatynyň ösüşine laýyklykda özgerdilmegini işjeňleşdirýär.

Şeýle hem agyrlyk merkezini hyzmatdaş döwletler bilen iki strategik möhüm sebitde, hususan-da, Kawkazda (Azerbaýjan, Ermenistan we Gruziýa) we Merkezi Aziýada (Gazagystan, Gyrgyzystan Respublikasy, Täjigistan, Türkmenistan we Özbegistan) özara bileleşip hereket etmegi işjeňleşdirmek boýunça karar kabul edildi. NATO-da bu iki sebit boýunça iki wekil bellendi. Olaryň öňünde zerurlygyna görä, goranyş institutlaryny döretmek, terrorçylyga garşy göreşmek, şeýle MSI-niň çäklerinde Hyzmatdaşlygyň hereket etmegiň özbaşdak meýilnamalarynyň, Hyzmatdaşlygyň hereket ediş meýilnamalarynyň meseleleri babatda ýardam we maslahat bermek wezipesi goýulýar.

*Goşmaça maglumatlara seret:*
*www.nato.int/issues/eapc/index.html*
*www.nato.int/issues/pfp/index.html*

## HYZMATDAŞLYGYŇ HEREKET ETMEGIŇ ÖZBAŞDAK MEÝILNAMALARY

Hyzmatdaşlygyň hereket etmegiň özbaşdak meýilnamalaryny (HHEÖM) kabul etmek hakynda başlangyç ýokary derejede Pragada geçen duşuşykda, 2002-nji ýylyň Sanjar aýynda öňe sürüldi. Olara NATO bilen gatnaşyklaryny çuňlaşdyrmaga syýasy ymtylyş bolan ýurtlar gatnaşyp biler. Şeýle meýilnamalar ikiýyllyk esasda düzülýär we hyzmatdaşlygyň dürli usullaryny birleşdirmäge gönükdirilendir Olar arkaly hyzmatdaş döwlet NATO bilen içerki özgermeleri goldamaga ýardam berýän işleriň görnüşlerine aýratyn üns berip özara bileleleşip hereket edip biler.

HHEÖM-de hyzmatdaşlygyň maksatlary, anyk hyzmatdaşyň ileri tutýan ugurlary beýan edilmelidir, ulanmak üçin hödürlenilýän usullaryň bu ileri tutulýan ugurlara göni laýyk gelýändiginiň kepilnamasy berilmelidir. NATO şeýle ýurtlara geçirilýän özgermeleriň maksatlary bilen baglanyşykly anyk meseleler boýunça maslahat bermäge borçlanýar.

Şeýle hem HHEÖM işi derwaýys meseleler boýunça syýasy işjeň gepleşikleri öz içine alyp biler. Mundan başga-da, HHEÖM arkaly NATO boýunça aýry-aýry soýuzdaşlar we hyzmatdaşlar tarapyndan berilýän ikitaraplaýyn ýardamy utgaşdyrmak, şeýle tagallalary beýleki halkara guramalary bilen utgaşdyrmak ýeňil bolar.

Meýilnamanyň wezipesi syýasaty we howpsuzlygyň umumy ugurlaryny goranyşy, howpsuzlygy we harby meseleleri, jemgyýete habar bermegi; ylmy we daşky gurşawy; raýat adatdan daşary meýilnamalaşdyrmagy; ýerine ýetiriş meselelerini; umumy we şahsy howpsuzlygy; serişdeleri öz içine alýar.

2004-nji ýylyň Sanjar aýynda Gruziýa NATO bilen HHEÖM boýunça gatnaşýan ilkinji döwlet boldy. Häzirki wagtda Azerbaýjan we Özbegistan bilen HHEÖM-i taýýarlanýar. Şeýle meýilnamany işläp taýýarlamaga Ermenistan hem gyzyklanma bildirdi.




> Ýewroatlantik Hyzmatdaşlyk 2004-nji ýylyň Oguzhan aýyndaky Stambuldaky ýygnakda has hem ykjamlaşdyryldy.

# Howpsuzlyk ugrunda gepleşikler we hyzmatdaşlyk

Howpsuzlyk ýagdaýynyň ösüşine görä, Ýewroatlantik hyzmatdaşlyk hem ösýär. Bu NATO boýunça soýuzdaşlar we hyzmatdaş döwletler üçin uly ähmiýeti bolan howpsuzlygyň köp sanly meselelerini çözmegiň zerurlygy boýunça kesgitlenýär. Balkanlarda we Owganystanda howpsuzlyk ýagdaýynyň ösüşi meseleleri boýunça pikir alyşma yzygider geçirilýär. Bu ýerlerde NATO girýän ýurtlaryň we hyzmatdaş döwletleriň parahatçylygy saklamak boýunça bilelikdäki güýçleri ýaýbaňlandyryldy. Amaly hyzmatdaşlygy ösdürmäge we ony utgaşdyrmaga ýardam bermäge, terrorçylyga garşy göreş we köpçülikleýin gyryş ýaraglaryny, şeýle hem atýan we ýeňil ýaraglary ýaýratmak bilen baglanyşykly meseleler ýaly esasy meseleleri çözmäge gönükdirilen meseleler boýunça ýörite bilimleri alyşmak babatda başlangyçlar kabul edilýär.

Howpsuzlygyň köp meseleleri goňşy döwletler bilen ysnyşykly hereket etmek arkaly aňsat çözülýär. ÝAHG-nyň we PHH-niň maksatnamasy sebit we subsebit derejesiniň esasy meseleleri boýunça, aýratyn hem, Günorta-Gündogar Ýewropada, Kawkazda hem-de Merkezi Aziýada hyzmatdaş döwletleriň arasynda hyzmatdaşlygy ösdürmek we goldamak üçin oňat esas bolup hyzmat edýär.

## Terrorçylyga garşy göreş

Terrorçylyga garşy göreş NATO-nyň ilkinji nobatdaky wezipeleriniň birine öwrüldi. ABŞ-da 2001-nji ýylyň Ruhnama aýynyň 11-inde amala aşyrylan terrorçylyk hereketleri NATO-nyň Waşington şertnamasynyň (köpçülikleýin goranyş hakynda Demirgazyk atlantik bileleşigiň esas goýan şertnamasynyň) 5-nji maddasyny ulanmagyna sebäp boldy. Terrorçylyk herektleri amala aşyrylandan bir gün geçenden soňra, juda gysga möhletde çagyrylan maslahatda NATO girýän ýurtlaryň we hyzmatdaş döwletleriň ilçileri biragyzdan bu hereketleri ýazgardylar we terrorçylyga garşy göreşmek üçin ähli tagallalary etmäge borçlandylar.

> “Biz bu wagşyçylykly hereketler sebäpli howsala düşdük we olary gürrüňsiz ýazgarýarys. Bu hereketler biziň umumy gymmatlyklarymyza garşy gönükdirilendir. Biz zorluk ýoly bilen barýanlara bu gymmatlyklary ýok etmäge ýol bermeris. Biz terrorçylygyň elhençligine garşy göreşde ähli tagallalary etmäge borçlanýarys. Biz hyzmatdaşlygyň we arkalaşygyň taglymlarynyň dabaralanjakdygy baradaky ynamymyzyň astynda birleşýäris”.
>
> (ÝAHG-nyň beýannamasy, 2001-nji ýylyň Ruhnama aýynyň 12-si.)

Demirgazyk Amerikadan we Ýewropadan Merkezi Aziýa çenli uzap gidýän sebitde ýerleşýän ÝAHG-nyň agzasy bolan döwletler tarapyndan şol gün bildirilen duýgudaşlyk, soňra hem terrorçylyga garşy göreş bilen baglanyşykly hyzmatdaşlyk NATO-nyň hyzmatdaşlyk babatdaky başlangyçlarynyň Ýewroatlantik howpsuzlygynyň gazanylmagyna oňyn täsir edendigini görkezýär.

Ýokary derejede geçirilen Praga duşuşygynda terrorçylyga garşy güýçleri birleşdirmek boýunça umumylaýyn karara gelnip, terrorçylyga garşy göreşiň Meýilnamasy kabul edildi. Bu Meýilnama hyzmatdaşlygyň we bu ugurda syýasy maslahatlaşyklar arkaly pikir alyşmagyň we amaly çäreleri durmuşa geçirmegiň esasy bolup hyzmat edýär. Ol araçäkleriň howpsuzlygy, terrorçylyga garşy göreşmekdäki harby taýýarlyk, terrorçylykdan goranmak we onuň ýetiren zyýanyny düzetmek ýaly ugurlarda aňtawçylyk maglumatlarynyň alyş-çalyşygyny kämilleşdirmeklige we bu ugurdaky hyzmatdaşlyga ýardam edýär (*ser. 32 s.*). Bu meýilnama şeýle hem fiziki howpsuzlygy üpjün etmekdäki işi ösdürmeklige artykmaç ok-ýaraglary, şeýle hem esgerler tarapyndan göterilýän zenit-raketa toplumy we granat atyjy ýaraglary we ýeňil ýaraglary zyýansyz ýok etmekligi göz öňünde tutýar.

## Ýaraglaryň ýaýradylmagyna garşy göreş

### Köpçülukleýin gyryş ýarag

Köpçülikleýin gyryş ýaragyň (KGÝ) ýaýradylmagyna garşy göreş 21-nji asyryn howpsuzlygy üpjün etmegiň möhüm meseleleriniň biridir. Ýadro ýaragyny ýaýratmazlyk babatda Demirgazyk atlantik bileleşiginiň maksatnamalarynyň durmuşa ornaşdyrylmagynda NATO-nyň hyzmatdaş döwletler bilen ylalaşygy aýratyn ähmiýete eýedir. Birek-birege bolan ynam ýadro ýaragynyň ýaýradylmagyna garşy göreşdäki tagallalaryň üstünliginiň zerur şertidir. Ol diňe aýanlygyň, aç-açanlygynyň şertlerinde gazanylyp bilner.

Demirgazyk atlantik bileleşigi hyzmatdaşlar bilen maslahatlaşmak arkaly KGÝ-yň ýaýradylmagy bilen baglanyşykly meseleler boýunça özara düşünişmeklige we maglumatlaryň alyş-çalşygyna aýratyn üns berýär. Daşary işler ministrliginiň we goranmak ministrliginiň wekilleriniň gatnaşýan şeýle maslahatlary syýasy we harby işe seretmeklige bagyşlanyp, birek-birege bolan ynamy pugtalandyrmaklyga möhüm goşantdyr. Mundan hem başga, KGÝ ulanylan ýagdaýynda hyzmatdaş döwletleriň birnäçesiniň taýýarlyk babatdaky mümkinçilikleri uludyr. Şonuň üçin hem olaryň bu ugurda bilelikdäki tagallalary işeňňirleşdirmekdäki goşantlary uludyr.

Birnäçe seminarlar we simpoziumlar geçirilip, olarda bu meseläniň anyk ugurlaryna garaldy. Bu seminarlarda we simpoziumlarda, hususan, “Sibir ýarasy-öwrenerli sapakdyr” diýen mowzuga degişli sowallar jikme-jik ara alnyp maslahatlaşyldy, adatdan daşary ýagdaýlar ýüze çykanda, 2001-nji ýylyň güýzünde ABŞ-da we beýleki ýurtlarda bolup geçen wakalaryň netijeleri boýunça toplanylan tejribäniň esasynda meýilnamalaşdyryşyň käbir möhüm ugurlary bellenildi. Beýleki bir mowzuk senagat tarapyndan gurşap alan daş-töwerege ýetirilýän zyýanyň meseleleri hem-de saglygy saklaýşyň beýleki amaly meseleleri bilen baglanyşyklydyr.



> Umumy ýok ediji ýaraglaryň ýaýramagy 21-nji asyryň iň möhüm howpsuzlyk meselelerinden biridir.

Biologiki we himiki ýaraglar bilen baglanyşykly iňňän howply meselelere bagyşlanylan ÝAHG-nyň simpoziumlary hyzmatdaşlaryň maglumat alyş-çalyşlaryna we şol ýaraglaryň öňüni almagyň amaly usullaryny işläp düzmeklige mümkinçilik berdi. Täze enjam babatda NIOKR-iň, KGÝ-yň uruş serişdelerinden goranmaklygyň ýollary ara alnyp maslahatlaşylýar. Munuň özi şeýle ýaragdan goranmak boýunça umumy taýýarlygy güýçlendirmegiň usullaryna gowy düşünmeklige ýardam edýär.

NATO-nyň we hyzmatdaş döwletleriň ýaragsyzlandyrmak baradaky ekspertleri KGÝ-nyň ýaýradylmagy boýunça aňtawçylyk maglumatlaryny bilelikde peýdalanmagyň syýasy meselelerini we ugurlaryny ara alyp maslahatlaşdylar. Bu maslahatlar KGÝ-ny ýaýratmakdaky möhüm meýillere bagyşlanylandyr. Maslahatlarda bu meseleleriň sebit ugurlary barada ÝAHG-a girmeýän Hytaý, Ýaponiýa, Ysraýyl, Günorta Koreýa ýaly ýurtlaryň wekilleriniň çykyşlary diňlenildi. Hyzmatdaşlar eksport gözegçiliginiň tejribesiniň we BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň 1540 rezoliýusiýasy ýaly ýadro ýaragyny ýaýratmazlyk babatdaky soňky başlangyçlaryň durmuşa geçirilişiniň meseleleri barada maglumat alyşdylar.

Demirgazyk atlantik bileleşiginiň agzasy bolan döwletler hem NATO-nyň himiki, biologiki, radiologiki we ýadro (HBRÝ) ýaragyndan goramak babatda, hususan-da, NATO-nyň BYG düzüminde HBRÝ-dan goramak boýunça batalony döretmek barada hyzmatdaşlaryna habar berdi.

## Minalara we atyşyk ýaragyna garşy göreş

Saýlawsyz ulanyşly arzan ýaragyň ýaýramagy netijesinde emele gelen howpsuzlyk halkara bileleşiginiň üns merkezinde bolup, ol ynjalyksyzlygyň artmagyna sebäp bolýar. Aňsatlyk bilen satyn alnyp bilinýän atyşyk ýaragy dolanyşykda bolup, dowamly ýaragly çaknyşyklaryň tutaşmagyna ýardam edýär. Parahat ilat gün-günden güýjeýän zorlugyň pidasyna öwrülýär. BMG-niň maglumatlaryna we beýleki çeşmelere görä togsanyjy ýyllarda harby hereketler bilen baglanyşykly wepat bolan dört million adamyň 90%-i parahat ilat bolup, onuň 80%-i aýallar bilen çagalardyr. Hasaplamalara görä dünýäde ýarym milliarddan hem gowrak atyşyk hem-de ýeňil ýarag bolup, her 12 adama bir ýaragdan düşýär. Bu her günde 1000-den gowrak adamyň öldürilmegine sebäp bolýar. Şu wagt dünýäde gömülgi duran adama garşy minalaryň sany 100 milýona ýakyndyr. Orta hasap bilen her 22 minutdan piýada goşuna garşy ulanylýan bir sany mina partladylýar. Netijede her ýyl 26 müň adam ölýär ýa-da maýyp-müjürip bolýar.

Atyşyk ýaragynyň ýaýradylmagy bilen baglanyşykly meseläni çözmek we hemme ýerde, sebitde, ýerlerde adamperwerçilik aksiýalaryny geçirmek üçin köptaraplaýyn başlangyçlar öňe sürüldi. NATO we hyzmatdaş döwletler harby-syýasy tejribä we Ýewroatlantik sebitde şeýle ýagdaýlara garşy göreşmekde Hyzmatdaşlar tarapyndan toplanylan bilimlere daýanyp, bu tagallalaryň üstüni ýetirmeklige çalyşýarlar.



> Ýeňil we atyjylyk ýaraglarynyň ýaýramagy git-gide halkara ünsi öz üssüne çekýär.

ÝAHG-nyň atyşyk we ýeňil ýaraga hem-de minalara garşy Ýörite iş toparyny döretdi. Bu topar şeýle ýaragyň başga bir tarapa berilmegine gözegçilik etmegiň mysal üçin, milli eksport gözegçiliginiň we hukuk goraýjy guramalaryň üsti bilen, görnüşleri barada maglumat alyş-çalyşygyny ýola goýýar. PHH maksatnamasy tarapyndan hem ätiýaçlyk ýaraglaryny paýhasly peýdalanmagyň, ony howpsuz ýagdaýda saklamagyň, artykmaç ýaraglary ýok etmegiň, şeýle hem parahatçylygy ýola goýmak bilen baglanyşykly hereketleriň amal edilişinde ýaraglary ýygnamagyň we olary ýok etmegiň meseleleri boýunça okuw taýýarlygyny giňeltmeklik göz öňünde tutulýar. Aýry-aýry ýurtlara haýyşlary boýunça ýörite kömekler hem edilýär.

Bu iş toparynda, şeýle hem PHH-nyň maksatnamasynyň çäklerinde pyýada goşuna garşy ulanylýan minalar baradaky meselä-de seredilýär. Bu meseläniň anyk ugurlaryna seminarlardyr simpoziumlar bagyşlanyldy. Mundan başga-da, meýdan şertlerinde ynsanperwerçilik bilen ýerleri minalardan arassalamak meselesi BMG-niň minalara garşy Herket Ediji Gullugynyň teklibi hasaplanylýan hem bolsa, NATO-nyň we hyzmatdaş döwletleriň Balkanlarda we Owganystanda parahatçylygy ýola goýmaga gatnaşýan harby gullukçylary, ynsanperwerçilikli maksatlara eýerip, raýatçylyk guramalaryna yzygiderli kömek edýärler. Balkanlarda eýýam 26 mln. inedördül m. ýer minalardan arassalanyldy, Owganystanda bolsa parahatçylygy saklamak boýunca ISAF-iň güýçleri Kabulyň halkara aeroportuny we jogapkärçiligindäki beýleki ýeleri pyýada goşuna garşy ulanylýan minadan arassalamaklyga kömek edýärler.

2000-nji ýylda PHH-niň Maksatlaýyn gaznalaryň mehanizmi döredildi (*28 s. ser.*). Onuň maksady pyýada goşuna garşy niýetlenilen minalary ýok etmek üçin serişde goýberýän döwletler bilen işleşmekden ybaratdyr. 2004-nji ýylyň Bitaraplyk aýyna çenli eýýäm iki milliondan hem gowyrak pyýada goşuna garşy niýetlenilen mina ýok edildi. Geljekde şeýle taslamalaryň sanyny artdyrmaklyk meýilnamalaşdyrylýar. Şu döwrüň içinde ok-därileriň, atyşyk we ýeňil ýaraglaryň artykmaç bölegini ýok etmekligi öz içine alýan Maksatlaýyn gaznalaryň ulanylyş ugurlary giňeldi.

> NATO ýurtlaryndan we hyzmatdaş döwletlerden bolan parahatçylygy ýola goýujylar ynsanperwerçilikli işlerde ýerleri minadan arassalamak boýunça kömek edýärler.






## NATO ÝURTLARY

- Belgiýa (1)
- Bolgariýa (2)
- Kanada (3)
- Çeh Respublikasy (4)
- Daniýa (5)
- Estoniýa (6)
- Fransiýa (7)
- Germaniýa (8)
- Gresiýa (9)
- Wengriýa (10)
- Islandiýa (11)
- Italiýa (12)
- Latwiýa (13)
- Litwa (14)
- Lýuksemburg (15)
- Niderlandlar (16)
- Norwegiýa (17)
- Polşa (18)
- Portugaliýa (19)
- Rumyniýa (20)
- Slowakiýa (21)
- Sloweniýa (22)
- Ispaniýa (23)
- Türkiýe (24)
- Beýik Britaniýa (25)
- Amerikanyň Birleşen Ştatlary (26)




## HYZMATDAŞ DÖWLETLER

Albaniýa (27)
Ermenistan (28)
Awstriýa (29)
Azerbaýjan (30)
Belarus (31)
Horwatiýa (32)
Finlýandiýa (33)
Gruziýa (34)
Irlandiýa (35)
Gazagystan (36)

Gyrgyzystan Respublikasy (37)
Moldawiýa (38)
Russiýa Federasiýasy (39)
Şwesiýa (40)
Şweýsariýa (41)
Täjigistan (42)
öňki Ýugoslaw Respublikasy Makedoniýa (43)
Türkmenistan (44)
Ukraina (45)
Özbegistan (46)

* Türkiýe Makedoniýa Respublikasyny konstitusion ady boýunça ykrar edýär.

# Parahatçylygy gorap saklamak baradaky tagallalar




> Hyzmatdaş döwletler Owganystandaky howpsuzluga hemaýat ediji Halkara güýçlerine düýpli goşant goşýarlar.

Hyzmatdaş döwletler NATO-nyň ýolbaşçylygy astynda Balkanlarda parahatçylygy saklamak babatdaky işlerde möhüm hyzmaty ýerine ýetirdi. Indi bolsa Balkanlaryň özi hem NATO-nyň Owganystandaky wekilçilikli tagallasyna möhüm goşandyny goşýarlar. Hyzmatdaş döwletleriň bu hereketlere gatnaşmagy Ýewroatlantik sebitde we onuň çäklerinden daşarda hem howpsuzlygyň ýokarlandyrylmagyna ýardam edýär. Ol öwrülişik etmäge synanyşyk edýän ýurtlarda hyzmatdaş döwletleriň güýçlerine NATO boýunça soýuzdaşlar bilen bilelikde durnuklylygy dikeltmekdäki hereketlerde amaly tejribe toplamaga ýardam edýär.

Munuň özi Demirgazyk atlantik bileleşiginiň agzasy bolan döwletler üçin möçberi barha artýan operasiýalar bilen baglanyşykly kynçylyklary-da ýeňilleşdirmeklige ýardam edýär. Mundan hem başga, hyzmatdaşlaryň NATO-nyň baştutanlygynda operasiýalara gatnaşmagy beýleki ýurtlara çylşyrymly ýagdaýyň, durnuksyzlygyň ýaýramagynyň öňüni almak meselesi boýunça giňişleýin halakara konsensusynyň görkezmesidir. Hyzmatdaş döwletleriň köpüsiniň harby gullukçylary çylşyrymly ýagdaýlarda Demirgazyk atlantik bileleşigiň nähili hereket edýändigi bilen tanyşyp, eýýäm özleriniň NATO boýunça ýoldaşlary bilen öwrendekli hyzmatdaşlyk edýärler. Hut şu ýagdaýyň özi “Sowuk uruş” tamamlanýança biri-birine garşy durýan harby bileleşiklere gatnaşan, arasy üzňe kontinentleriň harby gullukçylarynyň arasyndaky gatnaşyklaryň kadalaşmagyna we ynamyň hem-de özara düşünişmegi pugtalandyrmakda möhüm ähmiýete eýedir. Häzirki döwürde NATO we hyzmatdaş döwletler XXI asyryň “çagyryşlaryna” garşy durmak üçin oprasiýalara bilelikde gatnaşýarlar.

## Owganystan Missiýasy

NATO 2003-nji ýylyň Alp Arslan aýyndan başlap, Owganystandaky howpsuzlyga hemaýat ediji Halkara güýçlerine (ISAF) baştutanlyk edýär. BMG-niň mandaty boýunça güýçleriň bu wekilçiliginiň maksady ýurtda parahatçylygy we durnuklylygy dikeltmekde raýatlyk urşunyň geçen iki onýyllygyndan soňra dikeldilýän owgan häkimýetine kömek etmekden, Owganystanyň terrorçylar üçin baza hökmünde gaýtadan peýdalanylmagynyň öňüni almakdan ybaratdyr.

Ilkibaşky mandat boýunça ISAF-iň hereketleri Kabul we oňa ýanaşyk ýerler bilen çäklenýärdi. Emma soňra BMG-niň täze mandatyna laýyklykda olaryň hereket ediş ugry paýtagtyň çäklerinden çykmak arkaly giňeldildi. ISAF ýuwaş-ýuwaşdan “dikeldişiň welaýat toparlary” (DWT) diýlip atlandyrylýan – merkezi hökümetiň häkimligini giňeltmek we ýurduň ösüşini hem-de dikeldilişini ýeňilleşdirmek maksady bilen welaýatlarda hereket edýän, raýatlardan hem-de harby gullukçylyklardan düzülen toparlar döredildi. 2004-nji ýylyň güýzünde Kabuldan günbatarda güýçleriň hereket ediş ugruny giňeltmeklige girişildi. Mundan hem başga, 2004-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýynda bolup geçen prezident saýlawlaryny geçirmeklige taýýarlyk görülýän döwürde goldaw üçin sekiz aýyň dowamynda Owganystanda goşmaça harby gullukçylar saklanyldy.

2004-nji ýylyň Ruhnama aýynda on sany hyzmatdaş döwlet ISAF-e gatnaşdy. Olaryň käbiri özleriniň möhüm hasaplanylýan ýöriteleşdirilen harby gullukçylaryny – harby polisiýanyň goşunlaryny we

minalardan arassalaýjy esgerler toparyny hödürlediler. Mundan başga-da, Merkezi Aziýanyň hyzmatdaş döwletleri ISAF-niň bölümlerini yzdan goldamaklygy üpjün etdiler. Sebäbi harby enjamly ýükler Owganystana eltilýänçä, hyzmatdaş döwletleriň ençemesiniň üstünden geçirilmelidi. “Parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlyk” atly maksatnama laýyklykda amala aşyrylan gatnaşyklar NATO boýunça soýuzdaşlaryň bu ýurtlaryň üsti bilen harby enjamlary geçirmek we bu ýurtlarda harby güýçleri we maddy serişdeleriň ambarlaryny ýerleşdirmek baradaky ikitaraplaýyn ylalaşyklary taýýarlamak üçin esas bolup hyzmat etdi. Meselem, Kabul bilen Owganystanyň demirgazyk bölegini̇ň arasynda howa köprüsini döretmek üçin Germaniýa we Özbegistan tarapyndan Owganystan bilen serhetde ýerleşýän Termezdäki harby aerodromy peýdalanmak barada resmi ylalaşyk baglaşyldy; Niderlandlar bilen Gyrgyzystan Respublikasynyň arasyndaky ylalaşyga laýyklykda, F-16 kysymly golland harby uçarlary Bişkekdäki aeroporty peýdalanyp bilýärler; Fransiýa hem Duşanbedäki yzky üpjünçilik merkezini peýdalanmak barada Täjigistan bilen ýokardaky ýaly ylalaşyga gol çekilýär. Owganystanyň etnik düzüminiň dürli-dürlüligini göz öňünde tutmak bilen, Merkezi Aziýa hyzmatdaşlarynyň käbirleri hem ISAF-iň maksatlaryny goldamak babatda ýerli ketde adamlara, ýolbaşçylara täsir edýärler.

NATO-nyň jogapkärçiligindäki adaty zolakdan uzakda hyzmatdaşlar tarapyndan ISAF-iň gatnaşyjylaryna berilýän kömek Hyzmatdaşlygyň Demirgazyk atlantik bileleşigi üçin wajyplygy bilen baglanyşyklydyr.

# Balkan operasiýalary

NATO-nyň taryhynda Demirgazyk atlantik bileleşigiň ilkinji barlyşdyryşlyk babatdaky wekilçiligini̇ň çäklerinde goşunyň ýaýbaňlandyrylan döwründen bäri hyzmatdaş döwletleriň goşunlary NATO-nyň baştutanlygynda Balkanlarda parahatçylygy gorap saklamak bilen baglanyşykly geçirilýän operasiýalara ysnyşykly gatnaşýarlar. Wagtyň geçmişi bilen NATO girmeýän we NATO-nyň ýolbaşçylygynda Bosnýada we Gersegowinada parahatçylygy gorap saklamak baradaky operasiýalara gatnaşýan hyzmatdaş döwletleriň we beýleki ýurtlaryň harby gullukçylarynyň ülşi 10%, Kosowo üçin Güýçler (KFOR) güýçleriň ulşi bolsa 18% boldy.

## Bosniýa we Gersegowina

Bosniýada we Gersegowinada parahatçylyk baradaky ylalaşygy ýerine ýetirmek boýunça (IFOR) ýaýbaňlandyrylan Güýçlerde, 1995-nji ýylyň Bitaraplyk aýynyň 14-inde Parahatçylyk baradaky Deýton ylalaşygyna gol çekilenden soňra, on dört ýurduň harby gullukçylary gulluk etdiler. BMG-niň mandatyna laýyklykda parahatçylyk baradaky ylalaşygyň harby meselelerini durmuşa ornaşdyrmaklyk harby hereketleriň bes edilmegini üpjün etmek, ýurduň uruş zerarly tapdan düşen, ýaňyrak döredilen ýaragly güýçlerini (Bosniýa we Gersegowina we Serb Respublikasynyň) bölmek, ýerleri (çägi) emele gelen iki sany ýurda bölüp bermekligi guramak bilen baglanyşyklydyr.

1996-njy ýylyň Bitaraplyk aýynda IFOR mukdar taýdan durnuklaşdyryjy Güýçleri az bolan IFOR bilen çalşyryldy. Harby hereketleriň täzeden dowam etdirilmeginiň öňüni almak, parahatçylygy berkitmek üçin zerur şertleri döretmek meselesine goşmaça hökmünde bu ýurtda parahatçylygy pugtalandyrmak boýunça halkara bileleşigiň tagallalaryna gatnaşýan



© SFOR

> Bir swetsariyali parahatçylyk gorayjysy we onun iti yerde mina bolup bolmadygyny barlayar.

raýatçylyk guramalaryna kömek etmeklik SFOR-a tabşyryldy. Ylalaşdyryjy güýçleriň harby gullukçylary bosgunlara we ýeri üýtgedilen beýleki adamlara öz öýlerine gaýdyp barmaga kömek etdiler we Bosniýanyň ýaragly güýçlerini döretmeklige goşanntlaryny goşdular. Howpsuzlyk ýagdaýynyň ýuwaş-ýuwaşdan gowulaşýanlygy sebäpli ýurtda parahatçylygy gorap saklamak baradaky güýçleriň sany ilkibaşda 60 müň harby gullukça barabar bolan bolsa, ol bölekme-bölek azaldylyp, 2004-nji ýylda, takmynan, 7 müň adama barabar boldy.

NATO-nyň ýolbaşçylygy astynda Bosniýada we Gersegowinada geçirilen operasiýa 2004-nji ýylyň Bitaraplyk aýynda tamamlanyldy. Howpsuzlygy gorap saklamak baradaky jogapkärçilik Ýewropa bileleşiginiň baştutanlygyndaky çalyşyjy wekilçiligiň üştüne ýüklenildi. SFOR-iň ygtyýarçylygyny (öz borjuny) üstünlikli ýerine ýetirmegi giň gerimli we uzak möhletli ylalaşdyrylyşyga we ýurdy dikeltmeklige gönükdirilen meseleleriniň dogrydygynyň subutnamasydyr. Ol şeýle hem NATO boýunça bileleşikler we Balkan sebitindäki hyzmatdaş döwletler tarapyndan öňki onýyllykda görkezilen sabyr-takatlyk we tutanýerlilik üçin sylag-hormat bolup hyzmat edýär. Olar Kosowoda hem özleriniň sabyr-takatlygyny, tutanýerliligini görkezmeklerini dowam etdirýärler.

SFOR-iň öz işini tamamlanmagy NATO-nyň Bosniýadaky we Gersegowinadaky borçlaryndan boýun gaçyrýanlygyny aňlatmaýar. NATO bu ýurtda öz ştabyny saklaýar. Onuň esasy wezipesi Bosniýa häkimiýetine harby özgertmeleri geçirmeklige we ýurdy “Parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlyk” atly maksatnama gatnaşdyrmaklyga taýýarlamakdan ybaratdyr. Ol şeýle hem terrorçylyga garşy göreşiň meselelerini; harby jenaýatçylyklarda güman edilýän adamlary saklamak baradaky meseleleri çözýär, aňtawçylyga degişli maglumatlary toplamaklygy guraýar.

### Kosovo

NATO-nyň Ýolbaşçylygy astynda parahatçylygy gorap saklamak baradaky güýçler soýuzdaşlaryň 78 güne çeken, Ýugoslawiýa Federatiw Respublikasynyň obýektleri boýunça hüjüm eden we Kosowodan serb goşunlaryny çykarmak, etnik albanlylary gysmaklygy bes etmek we bosgunlaryň öz ülkesine dolanyp gelmegine mümkinçilik bermek baradaky halkara talaplary bilen razylyşmaga Miloşewiçiň düzgünini mejbur eden howa güýçleri ýaýbaňlandyryldy.

NATO-nyň we Ýugoslawiýanyň harby ýolbaşçylarynyň arasynda 1999-njy ýylyň Oguz aýynda BMG-niň mandaty boýunça Harby-enjamy ylalaşyk baglaşylandan soňra bu ülkede Kosowo üçin Güýçler (KFOR) ýaýbaňlandyryldy. Olaryň esasy wezipesi harby hereketleriň gaýtadan başlanmagynyň önüni almakdan, howpsuz ýagdaýy döretmekden, ynsanperwerçilikli halkara tagallaryny we NATO-nyň Kosowodaky wagtlaýyn wekilleriniň ygtyýarçylykly işini (MOONK) goldamakdan ybaratdyr.

Bu güýçleriň ilkibaşda ýaýbaňlandyrylan mahalyndaky san taýdan doly düzümi takmynan 43 müň harby gullukça barabardyr. Olaryň düzümi kem-kemden kemeldilip, ýarsyndan hem gowragy azaldyldy. 2004-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýyndaky ýagdaý boýunça sany 18 müň adama barabar bolan bu güýçlere NATO ýurtlarynyň köpüsiniň, dokuz sany hyzmatdaş döwletiň we NATO-nyň düzümine girmeýän iki sany beýleki ýurduň, ýagny Argentina bilen Marokkanyň harby gullukçylary girýärdiler.

KFOR MOONK bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk etmek arkaly Kosowoda howpsuzlygyň berjaý edilmegine hemaýat edýärler. Bu ýerde halkara bileleşigi tarapyndan berilýän kömek demokratiýanyň pugtalandyrylmagyna ýardam edýär. Ülkede durmuş belli derejede täzeçe kadalaşdyryldy we howpsuzlyk berjaý edildi. Bu ýerde häkimiýetiň raýatçylyk institutlaryny dikeltmeklik dowam edýär. Emma, 2004-nji ýylyň Nowruz aýynda bolup geçen etnikara tutaşma Kosowanyň öňküler ýaly henizem kynçylyklary başdan geçirýändigini görkezdi we şonuň üçin hem bu ýerde belli derejede harby güýjüň saklanylmagyna bolan talap aradan aýrylmaýar.

## Bilelikde işleşip

Parahatçylygyň hatyrasyna Hyzmatdaşlyk etmegiň esasy maksatnamalarynyň biri hyzmatdaş döwletleriň ýaragly güýçlerini ylalaşdyryjylyk işinde NATO-nyň güýçleri bilen özara gatnaşykda hereket etmegini gazanmak derwaýysdyr (*şeýle hem 10-11 sah.ser.*). Ikitaraplaýyn maksatnamalar we harby türgenleşikler hyzmatdaş döwletlere NATO-nyň güýçleri bilen bilelikde ylalaşdyryşlyk işine gatnaşyp biler ýaly harby bölümleri döretmeklige ýardam edýär. Hemmeler üçin umumy daşary ýurt dilini (iňlis dilini) öwrenmeklik we güýçleriň hem-de serişdeleriň maksadalaýyk utgaşyklygyny ösdürmek möhün ähmiýete eýedir. Olaryň ýaragly güýçleri Demirgazyk atlantika bileleşiginiň hereket edýän kadalara barha ýakynlaşdyrylýar. Munuň özi olara hereketleriň netijeliligini artdyrmaga, şeýle hem öz işini NATO-da ulanylýan iş usullary ulgamlary bilen utgaşykly ornaşdyrmaklyga kömek edýär. Bu ugurda janly (operatiw) güýjüň konsepsiýasy esasy orun tutýar. 1994-nji ýylda NATO-nyň Ýewropadaky BÝGÝBK

ştabynyň ýanynda döredilen hyzmatdaşlygy utgaşdyryjy topar PHH-niň harby taýýarlyk we türgenleşik meselelerini utgaşdyrmak boýunça NATO-nyň esasy, ýokary wezipeli ýolbaşçylarynyň işini üpjün edýär.

Hyzmatdaş döwletleriň we NATO girmeýän beýleki ýurtlaryň NATO-nyň ýolbaşçylygy astynda parahatçylygy goramak bilen baglanyşykly işlerine gatnaşygy “Harby-syýasy çäkler” atly resminamanyň düzgünleri arkaly kadalaşdyrylýar. Bu işe 1995-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýynda NATO-nyň Ýewropadaky BÝGÝBK ştabynda döredilen halkara utgaşdyryş merkezi ýardam edýär. Ol maslahatlary geçirmek we öz harby gullukçylaryny NATO-nyň ýolbaşçylygy astyndaky güýçleriň düzümine berýän ýurtlaryň ählisi üçin meýilnamalaşdyrmaklyga şert döredýär. Dürli döwletleriň şeýle operasiýalara gatnaşygy maliýe-tehniki ylalaşyga esaslandyrylýar. Ol öz harby gullukçylaryny hödürleýän ýurtlar we NATO tarapyndan hödürlenilýän güýçlere we serişdelere baha berlenden soňra işlenilip taýýarlanylýar. Her bir hyzmatdaş döwlet öz harby gullukçylarynyň netijeli hereketini üpjün etmek üçin olaryň ýerleşdirilişini we yzdan edilýän zerur üpjünçilik baradaky jogapkärçiligi öz üstüne alýar. Kähalatlarda yzdan edilýän üpjünçilik NATO-nyň agzasy bolan döwletler tarapyndan ikitaraplaýyn esaslarda amal edilip bilner.

NATO-nyň ýolbaşçylygy astynda ylalaşdyryjylyk bilen baglanyşykly hereketleri amal etmek üçin öz harby gullukçylaryny hödürleýän ýurtlaryň aglabasy PHH maksatnamasyna gatnaşýarlar we Ýewropada ýerleşýärler. Şunuň bilen birlikde bu ylalaşdyryjylyk hereketlerine öz harby gullukçylaryny hödürleýän, özleri hem beýleki kontinentlerde ýerleşen, käbirleri bolsa Demirgazyk atlantika bileleşigi bilen asla resmi gatnaşyk etmeýän ýurtlar hem bar. Günorta Amerika ýurtlaryna degişli bolan Argentina öz harby gullukçylaryny parahatçylygy gorap saklamak baradaky SFOR-a we KFOR-a hödürledi; Çili döwleti hem SFOR-a goşant goşdy. NATO-nyň Ortaýer deňzindäki ylalaşdyrylyjyk bilen baglanyşykly güýçlerine gatnaşýan Iordaniýa we Marroko hem öz harby gullukçylaryny SFOR-yň we KFOR-yň ylalaşdyryjy güýçleriniň düzüminde hereket etmek üçin hödürlediler. Müsüriň harby gullakçylary bolsa NATO-nyň baştutanlygynda Bosniýadaky we Gersegowinadaky ylalaşdyryjylyk hereketlerine gatnaşdylar. Birleşen Arap Emirlikleri hem özüniň harby gullukçylarynyň uly bölegini KFOR-a hödürledi. Günorta-Gündogar ýurtlara degişli Malaýziýa IFOR-a we SFOR-a goşandyny goşdy. Mundan başga-da, Awstraliýanyň we Täze Zelandiýanynyň harby gullukçylary Balkanlarda parahatçylygy gorap saklamak boýunça Beýik Britaniýa bilen alyş-çalşyk baradaky maksatnamanyň çäklerinde gulluk etmek üçin gulluk saparyna ugradyldy. Täze zelandiýalylaryň uly bolmadyk topary hem ISAF-iň düzüminde gulluk edýär.



## Rus ylalaşdyryjylary

Ýedi ýyldan gowrak wagtyň dowamynda, tä rus ylalaşdyryjylarynyň 2003-nji ýylyň tomsundaky SFOR-den we KFOR-den çykan pursatyna çenli, Russiýa Balkanlarda parahatçylygy gorap saklamak üçin NATO-nyň düzümine girmeýän ýurtlardan harby gullukçylaryň iňňän uly bölegini hödürledi.

Rus harby gullukçylary sebitdäki howpsuzlygy we durnuklylygy pugtalandyrmak işinde halkara bileleşiginiň tagallalaryny goldamak maksady bilen NATO boýunça soýuzdaşlar we beýleki hyzmatdaş döwletleriň wekilleri bilen bilelikde dürli işleri ýerine ýetirdiler. Rus ylalaşdyryjy harby gullukçylary ilkinji gezek 1996-njy ýylyň Türkmenbaşy aýynda Bosniýada we Gersegowinada ýerleşdirilip, demirgazyk bölümçedäki köpmilletli brigadanyň düzümine girdi. Rus harby gullukçylary her gün gözegçilik we barlag işlerini amala aşyrdylar, dikeldiş işlerine we ynsanperwerçilikli meseleleri çözmeklige gatnaşdy. Olar Kosowo çaknyşygynyň tamamlanmagy bilen baglanyşykly möhüm diplomatik işi ýerine ýetirdiler, we NATO-nyň 1999-njy ýyldaky howa hüjümi baradaky mesele boýunça pikirleriň dürli-dürlüligine garamazdan, 1999-njy ýylyň Oguz aýyndan başlap Kosowada boldular. Şol ýerde olar gündogarda we bu ülkäniň demigazygynda hem-de günortasynda köpmilletli brigadanyň düzüminde bolup, dürli işleri ýerine ýetirdiler, şeýle hem Priştina aerodromynyň işine kömek etdiler, öz gospitallaryny güýçleriň düzümine berdiler we lukmançylyk hyzmatlaryny amala aşyrdylar.

# Harby özgertmeler

“Sowuk uruş” tamamlanandan soň Gündogar bilen Günbataryň arasyndaky harçaňlaşma howpy aradan aýryldy. Ägirt uly goşuna we ýarag ätiýaçlyklaryna hem-de ok-därilere bolan talap hem aradan aýryldy. Goranyş bilen baglanyşykly harajatlaryň azalmagy sebäpli parahatçylykly girdejä umyt bagladylar. Ýöne harby özgertmeler arzan hem düşmeýär, ýönekeý hem bolmaýar. Mundan başga-da, NATO we hyzmatdaş döwletler tiz wagtda howpsuzlygyň täze seslenmelerine ýüzbe-ýüz duş geldiler, öz ýaragly güýçlerini howpsuzlygyň üýtgän ýagdaýyna gönükdirmek zerurçylygy ýüze çykdy. Munuň özi ykdysady harajatlar bilen baglanyşyklydy.

NATO-nyň agzasy bolan döwletler öz ýaragly güýçleriniň sanyny, harby tehnikasyny we bazalaryny kem-kemden azaldyp başlaýarlar we olary häzirki zamanyň talaplaryny has oňat kanagatlandyrar yaly üýtgedýärler. Hyzmatdaş döwletleriň köpüsi ýeterlik serişdeleri we ýörite bilimleri bolmasa-da, bu uzak hem-de kyn işe girişýärler. Harbylaşdyryşyň şertlerinde emele gelen ýaragly güýçleri azaltmak we täzeden taýýarlamak bilen baglanyşykly çylşyrymly mesele olaryň öňünde durýar. Şeýle güýçler çendenaşa gymmat düşýär we demokratik özgertmeleriň talaplaryna laýyk gelmeýär. Şeýle ýaraglary güýçleri täzeden üýtgemekde Ýewroatlantik sebitdäki krizis bilen baglanyşykly düzgünleşdirmeler we ylalaşdyryjylyk işlerine ýurtlaryň netijeli goşant goşmagyna ýardam edýän güýçleriň we serişdeleriň döredilmegi ilkinji derejeli wezipe hasaplanylýar. Harby özgertmäniň beýleki möhüm ugry onuň netijeleriniň talaba laýyk öňüniň alynmagy (ýa-da ýok edilmegi) bilen baglanyşyklydyr.

“Parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlyk” maksatnamasynyň has möhüm netijeleriniň biri PHH meýilnamaşdyryş we seljeriş işidir (PPA-i barada *11 s. ser.*). Onda ikitaraplaýyn esaslarda NATO-nyň we hyzmatdaş döwletleriň arasynda işlenip taýýarlanylan, degişli maksatnamalar arkaly üsti ýetirlen maksatlaryň we olaryň amal edilişiniň seljermesi göz öňünde tutulýar. Munuň özi NATO-nyň ýurtlaryna we günbatar Ýewropa hyzmatdaşlaryna ýörite bilimleri bilelikde peýdalanmaga harby özgertmeleriň göwrümli konseptual we amaly meselelerini çözmekde kömek etmäge mümkinçilik berýär.

## Hertaraplaýyn harby özgertmelerini geçirmeklige hemaýat etmek

### Netijeli goranyş institutlary

Raýat we demokratik gözegçiligi astynda işleýän netijeli döwlet goranyş institutlary Ýewroatlantik sebitde durnuklylyk üçin möhüm ähmiýete eýe bolup, halkara howpsuzlygy babatdaky hyzmatdaşlykda zerurdyr. Muny göz öňünde tutmak bilen 2004-nji ýylyň Oguz aýynda Stambuldaky ýokary derejeli duşuşukda goranyş institutlarynyň gurluşygy boýunça Hyzmatdaşlygyň hereket edişiniň täze Meýilnamasy kabul edilip, ol ÝAHG-nyň ýurtlarynyň döwlet we hökümet baştutanlary tarapyndan makullanyldy.

Bu täze Meýilnama içerki talaplary kanagatlandyrmak, şeýle hem halkara borçnamalaryny ýerine ýetirmek maksady bilen özgertmeleri janlandyrmak we geçirmek, goranyş institutlarynyň durkuny üýtgedip gurmak babatda hyzmatdaş döwletleriň tagallalaryny işeňňirleşdirmeklige gönükdirilendir. Ol şu ugurda Hyzmatdaşlygyň işiniň umumy maksatlaryny kesgitleýär, wajyp tejribe alşyklary höweslendirýär, goranyş we howpsuzlyk babatdaky kömegiň ikitaraplaýyn maksatnamalarynyň maksada gönükdirijiligini we anyklygyny ýokarlandyrmaklyga ýardam edýär.

Hereket ediş Meýilnamasynyň maksady aşakdakylary: goranyş babatdaky işiň üstünden demokratik gözegçiligiň netijeli we aýdyň tärlerini; raýatlyk düzümleriň goranyş we howpsuzlyk babatdaky syýasaty işläp düzmeklige gatnaşygyny; goranyşa netijeli, aýdyň kanunçylykly we kazyýet gözegçiligini; howpsuzlyk täwekgelçiliklerine we goranyşyň milli talaplaryna düýpli baha berişligi (bularyň esasynda bilelikde hereket edýän güýçler we serişdeler döredilýär we olara goldaw edilýär); degişli güýçli bölümleri bolan goranmak ministrlikleriniň we beýleki döwlet tabynlygyndaky pudaklaýyn edaralaryň dolandyrylyşynyň gowulandyrylmagyny; eksportyň üstünden gözegçiligi hem goşmak bilen, goranyşda halkara kadalarynyň we tejribeleriniň berjaý edilmegini; goranyşdaky maliýeleşdirişiň resurslaryň meýilnamalaşdyrylyşyny we peýdalanylyşynyň netijeli, aýdyň usullaryny; goranyş üçin çykdajylaryň netijeli dolandyralmagyny, şeýle hem goranyşyň üýtgedilip gurulyşynyň durmuş-ykdysady babatdaky netijeleriniň düzgünleşdirilmegini; netijeli we açyk hünärmenler düzümini hem-de ýaragly güýçleriň iş tejribesini; goranyş we howpsuzlyk ugurlaryndaky

netijeli halkara hyzmatdaşlygyny we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny öz içine alýar.

Hereket ediş Meýilnamasyny durmuşa geçirmeklik ÝAHG-nyň we PHH "gurallaryna" we gurluşlaryna ýokary derejede esaslandyrylar. PHH meýilnamalaş- dyralyşy we seljermesi hereket ediş Meýilnamasynyň maksatlaryň hasyl bolmagynda esasy serişde bolup hyzmat eder we şunuň bilen baglanyşykda ol şu wezipäni ýerine ýetirmek üçin ýöriteleşdiriler. Meýilnamany netijeli durmuşa geçirmeklik goranyş, onuň düzümleri we harby özgertme bilen baglanşykly standartlara we konsepsiýalara umumylaýyn düşünmekligi talap edýär. Şeýle "konseptual" operatiw utgaşyjylygy gazanmak üçin bilim ulgamyna uly möçberli maýa goýumlary we NATO boýunça soýuzdaşlaryň hem-de hyzmatdaşlaryň arasynda degişli bilimleriň we tejribäniň alyşylmagy üçin gönükdirlen tagallalaryň işeňňirleşdirilmegi talap edilýär

## Anyk mysal: Ukraina

NATO tarapyndan Ukraina bilen bilelikde döredilen harby özgertmeler babatdaky hyzmatdaşlygyň maksatnamasy, beýleki hyzmatdaş döwletler tarapyndan işlenip düzülen maksatnama garanda, has giňdir. Ol bu ugurda hyzmatdaş döwletleriň ygtyýaryndaky bilelikdäki işleriniň geriminiň giňdigine şaýatlyk edýär.

1991-nji ýylda garaşsyzlygyny yglan edenden soň, Ukraina ozalky Sowet Soýuzynyň ýaragly güýçleriniň obýektleriniň bir bölegini özüne miras galdyrdy. Ol "Sowuk urşuň" bu mirasyny az sanly ýagdaýda howpsuzlyk babatda ýurduň täze talaplaryny kanagatlandyrmaga ukyply häzirki zamanyň netijeli ýaragly güýçlerini döretmek işinde goldamagyny, şeýle hem Ukrainanyň Ýewropada durnuklylygy hem-de howpsuzlygy pugtalandyrmak işine işeňňir gatnaşyjy bolmagyna hemaýat etmegini sorap, NATO ýüz tutdy. Işiň bu ugrunda NATO-nyň ileri tutýan meseleleri Ukrainanyň ýaragly güýçleriniň üstünden demokratik we raýatçylyk gözegçiliklerini güýçlendirmek we olaryň NATO-nyň güýçleri bilen işjeň utgaşyklygyny kämilleşdirmek bilen baglanyşyklydyr.

1994-nji ýylda "Parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlyk" atly maksatnama goşulandan soňra NATO bilen gatnaşyklaryň we hyzmatdaşlygyň giňelmegi Ukrainanyň maslahatlary çuňlaşdyrmagyna we amaly kömekleri giňden peýdalanmagyna mümkinçilik döretdi. 1997-nji ýylda NATO bilen Ukrainanyň arasyndaky aýratyn hyzmatdaşlyk baradaky Hartiýa gol çekilenden soňra, bu hyzmatdaşlyk has işeňňirleşdi. Mundan bir ýyl geçenden soňra harby özgertmeler boýunça bilelikdäki iş topary döredilip, goranyş babatdaky maslahatlar, amaly hyzmatdaşlyk we howpsuzlyk ulgamyndaky özgertmeleriniň meseleleri onuň üstüne ýüklenildi. 1999-njy ýylyň Gurbansoltan aýynda Kiýewde harby özgertmeler babatdaky tagallalaryny goldamak maksady bilen aragatnaşyklar barada NATO-nyň býurosy açyldy.

Parahatçylygyň hatyrasy üçin Hyzmatdaşlyga gatnaşmaklyk Ukrainanyň özgertmeleri geçirmekdäki tagallalaryna we onuň güýçleriniň hem-de serişdeleriniň utgaşdyrylyşyny ýokarlandyrmakdaky maksatnamasyna ýardam edýär. PPA-nyň mehanizmi aýratyn ähmiýete eýedir, çünki ol oňa harby meýilnamalaşdyryşyň maksatnamalaryna bildirilýän esasy talaplary kesgitlemäge kömek etdi. Goranyşyň meseleleri seljerilende berilýän enjamy kömek we maslahatlar işiň iň möhüm ugurlaryna öwrüldi. Munuň özi Ukraina harby özgertmäniň "ýol kartasyny" düzmäge kömek etdi. Goranyş meseleleriniň seljermesi – bu ýurduň goranyş babatdaky talaplaryny kesgitlemeklige gönükdirilen, ýurduň milli howpsuzlyk syýasatyna esaslanýan toplumlaýyn analitik prosesdir.



> NATO-nyň Harby komitetiniň başlygy (ortada) 2004-nji ýylyň Baýdak aýyndaky Kiýewe (Ukraina) sapary mahalynda saparyň gidişinde harby ýolbaşçylaryň arasynda harby hyzmatdaşlygyň we harby özgertmeleriň meselelerine seredilýär.

Ol şol talaplary bar bolan serişdeler bilen laýyklaşdyrmagy göz öňünde tutýar. Onuň netijeleri boýunça ýaragly güýçleri guramak we salgyt töleýjiler üçin amatly ykdysady çözgütleri göz öňünde tutmak bilen, harby güýçleri döredilýär. Şeýle seljermäniň (analiziň) netijeleri özgertmeleri dowam etdirmegiň konseptual esasyny emele getirilýär. Bu özgertmeler bolsa uzak möhletleýin hemişelik tagallary talap edýär. Hyzmatdaşlygyň beýleki esasy meseleleri howpsuzlygyň we harby doktrinanyň täze konsepsiýasyny işläp taýýarlamakda, goranyşyň we meýilnamalaşdyryşyň büjetini döretmek işlerinde netijeliligi we aýdyňlygy ýokarlandyrmakda, şeýle hem Ukrainanyň goranyş pudagynda raýatlaryň ornuny güýçlendirmekligi hem öz içine almak bilen, harby-raýatçylyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmakda Ukraina edilýän kömegi öz içine alýar. Ukrainada amal edilýän üýtgedip gurmak işleri we onuň täzeden özgertmeler babatdaky tagallalary ýaragly güýçleri kemeltmek meselesinde maksada gönükdirilen maslahatlary bermekde olara hünär öwretmekde, konwersiýa meselesinde we çalt hereket edýän güýçleri döretmekde goldawa eýe boldy. Bu iş ýaragly güýçler ýa-da goranmak ministrligi bilen çäklendirilmeýär. Ol şeýle hem ukrain serhetçileriniň we içeri işler ministrliginiň goşunlaryny öz içine alýar.

Okuw taýýarlygy we bilim goranyş ulgamyndaky özgertmeleriň esasy görnüşleridir. Ukrainanyň ýaragly güýçleriniň ýokary hem-de uly ofiserleri NATO-nyň Rimdäki (Italiýa) Goranyş kolležinde hyzmatdaş döwletler üçin açylan kurslarynda we NATO-nyň Oberammergan (Germaniýa) Mekdebinde yzygiderli okuwlary geçýärler. Ukrainanyň harby gullukçylary harby işiň tälimiň dürli görnüşlerine gatnaşmak bilen, NATO ýurtlarynyň harby gullukçylary bilen bilelikde amaly tejribe toplaýarlar.

NATO harby özgertmeleriň ýetirilen zyýanyny ýok etmekde Ukraina hemaýat etmek maksady bilen oňa maliýe kömegini berdi we Ukrainanyň Milli utgaşdyryş merkezi bilen hyzmatdaşlyk esasynda daşary ýurt dilini öwrenmek we dolandyryş baradaky kurslary gurady. Ukrainanyň bu Milli utgaşdyryş merkezi harby gullukdan boşadylan adamlaryň durmuşa uýgunlaşmagyna jogap berýär. Mundan hem başga, PHH-niň Maksatlaýyn Gaznasynyň üsti bilen harbysyzlaşdyryş taslamasyny durmuşa geçirmek üçin NATO-nyň aýry-aýry soýüzdaşlaryň kömegi iberilýär (*28 s. ser.*).

## Harby özgertmeleriň netijelerini düzgünleşdirmek

Harby özgertmeleriň başyndan başlap olaryň netijelerini düzgünleşdirmek we keseleýin ýüze çykýan ters netijeleriniň ähli̇sini gowşatmak barada degişli çäreleriň görülmegi zerurdyr. Gullukdan boşadylan harby gullukçylar raýatlyk durmuşyna uýgunlaşmakda kömege mätäçdirler. Harby bazalaryň ýarylmagy ýerli ilat hem-de sebitiň ykdysady ýagdaýyna zyýanly täsir edýär. Şol sebäpli hem ozalky harby binalary (obýektleri) täzeden üýtgedip gurmaklygyň meýilnamalary zerurdyr. Artykmaç ýa-da könelişen ýaraglaryň we ok-därileriň ätiýaçlyklary howpsuzlyga we gurşap alan daş-töwerege uly howp döredýär. Şol sebäpli hem olaryň gaýtadan ygtybarly işlenilmegi zerurdyr.

NATO bu mesele boýunça hyzmatdaş döwletlere maslahatlary, ýörite bilimleri bermek baradaky başlangyçlar bilen çykyş etdi. Dürli taslamalaryň we maksatnamalaryň maliýe taýdan üpjünçiliginiň çäkliligine garamazdan, ol özara gatnaşyklar arkaly we beýleki halkara guramalary hem-de hökümete degişli bolmadyk kömek bermek isleýän aýry-aýry ýurtlar bilen maglumat alyşmak arkaly goşmaça maliýe serişdeleriniň çekilmegine hemaýat etmeklige çalyşýar.

### Harby gullukçylaryň hünäri özleşdirişi

“Sowuk uruş” tamamlandan soňra hyzmatdaş döwletleriň ýaragly güýçlerinden bäş milliondan gowrak harby gullukçy boşadyldy. Olara gyssagly suratda täze hünäri özleşdirmek, işe ýerleşmek zerur 2000-nji ýylyň başlarynda NATO hyzmatdaş döwletlere harby gullukçylarynyň täze hünari özleşdirmegi we raýatlyk durmuşyna uýgunlaşmakda öz kömegini teklip etdi.

Milli häkimiýetiň guramalaryna maslahatlar bermek we harby gullukçylaryň täze hünäri özleşdirmegi bilen baglanyşykly syýasat we maksatnamalar babatdaky seljermäniň hem-de görkezmeleriň netijelerini hödürlemek maksady bilen NATO-nyň ekspertler topary döredildi, Goldaw kömegi edilýän işiň görnüşleri harby gullukdan boşadylmaga degişli harby gullukçylara berilýän maslahatlary, işe ýerleşdirmegiň öz kärhanalaryny döretmek daşary ýurt dilini öwrenmek, şeýle hem täze hünäri özleşdirmek boýunça merkezileriň döredilmegi baradaky meseleleri öz içine alýar.

2010-njy ýyla çenli bar bolan hasaplamalar boýunça Günorta-Gündogar Ýewropada 300 sany harby obýekt we baza ýapylyp, takmynan 175 müň adam öz işini ýitirýär. Şonuň üçin hem şol ýerde şeýle maksatnamalara uly gyzyklanma bildirilýär. Ozal hyzmatdaş döwletler diýlip atlandyrylýan Bolgariýa bilen Rumyniýa şeýle kömegi alan ilkinji ýurtlar hasaplanylýar; 2004-nji ýyla çenli hersindäki serkerdeleriň takmynan 20 müňüsi täze hünäri özleşdirmek baradaky maksatnamalara gatnaşdy. Albaniýa, öňki Ýugoslaw Respublikasy Makedoniýa*, Serbiýa we Çernegoriýa NATO bilen bu ugurda hyzmatdaşlygyň mümkinçiliklerine garaýar. Bulardan başga-da NATO Russiýada we Ukrainada hünär taýdan gaýtadan taýýarlamagyň maksatnamasyny goldaýar.



## Ätiýaçlyga boşadylan harby gullukçylara goldaw bermek

Ätiýaçlyga boşadylan harby gullukçylaryň durmuşa uýgunlaşdyrylmagy we hünär taýdan gaýtadan taýýarlygy boýunça “Russiýa-NATO merkezi” 2002-nji ýylyň Nowruz aýynda açyldy. Ol Russiýanyň ýaragly güýçlerini gysgaltmagyň durmuş meselelerini çözmeklige hyzmatdaşlyk edýär we harby gullukdan boşadylan harby gullukçylara kömek bermek, olary durmuşa uýgunlaşdyrmak we hünär taýdan gaýtadan taýýarlamak boýunça Russiýanyň çäginde öz işlerini ugrukdyrýar. Bu merkez Moskwada döredildi we soňra onuň işi 2003-nji ýylda onuň düzümine dürli sebitleri goşmak we Ýaroslawdaky, Sankt-Peterburgdaky, Çitadaky, Permdäki, Kaliningraddaky we Don boýundaky Rostowdaky ýerli bölümilerini döretmek bilen giňeldildi.

Merkez iş tapmak we kiçi hususy kärhanalary ýöretmek hakyndaky peýdaly maslahatlar berýän bir web sahypasyny taýýarlady. Merkez başga-da doly taýýarlyk kurslary berýän we şu temalar barada konferensiýalary tertipleýär. Eýýäm özüniň 18 aýlyk işi dowamynda 210 sany hünärmen ýetişdirdi we bu hünärmenler göçürme işleri bilen bagly işlerde işleýärler we 200 töweregi okuwça kompýuter we buhgalteriýa işlerini öwretmäge başladylar.

## Harby bazalarynyň şertleriniň üýtgedilmegi

NATO-nyň başlangyçlarynyň çäklerinde günorta-gündogar Ýewropadaky harby binýatlaryň şertleriniň üýtgedilmegi ugrunda NATO-nyň bilermenler topary milli häkimiýetlere öňki harby binýatlary harby däl maksatlar üçin netijeli ulanmagyň ýollaryny agtarmakda kömek bermek maksady bilen maslahatlaryny we hödürnamalaryny berýär. Bu başlangyç NATO-nyň birnäçe hyzmatdaş döwletleriniň we soňraky iki döwletiň: Albaniýanyň, Bolgariýanyň, Moldowanyň, öňki Ýugoslawiýa Respublikasyndaky Makedoniýanyň*, Rumyniýanyň, Serbiýanyň we Çernogoriýanyň, Horwatiýanyň gatnaşyjy ýurtlaryň arasynda sebitleýin hyzmatdaşlygy ösdürmegine we habarlar alyşmagyna kömek eder.

Birnäçe bilermenlik taslamalary harby bazalary ýapmagyň we harby binýatlary üýtgedip gurmagyň meselelerine baş ugurlarynyň usullaryny işläp taýýarlamaga kömek berýär. Bu ugurda ilkinji derejeli wezipeler daşky gurşawy arassalamaklyga, işçi orunlaryny döretmeklige kömek etmekligi we ýeke-täk esasy iş beriji hasaplanýan harby bazalaryň etraplaryndaky ýerli ykdysadyýeti üýtgetmekligi öz içine alýar. Öňki harby bazalaryň çäkleri degişli işlerinden soňra ýaşaýyş etrapçalaryny, bilim beriş edaralaryny, saglygy goraýyş merkezlerini, türmeleri we seýilgähleri ýa-da goraghanalary döretmek üçin ulanylýar.

## Minalary, ok-därileri we ýaraglary ýok etmek

PHH maksatlaýyn gaznalary (*28 suratdaky bölege seret*) hyzmatdaş döwletlere pyýada goşuna garşy artykmaç minalary, ok-därileri, atyjylyk we ýeňil ýaraglary howpsuz ýok etmeklige kömek berýär. Aýratyn ýurtlar üçin tebigy talaplary hasaba almak bilen we halkara ülňülerine laýyklykda, howpsuz şertlerde ýok etmek işlerini guramaklygyň maksatlaýyn taslamalary işläp taýýarlaýar. Mümkinçilige görä bu taslamalar ulanyş harajatlarny azaltmak maksady bilen ýerli baýlyklary we binalary ulanmaklyga, şeýle hem ýok ediş işleri boýunça ýerli hünärmenleri okatmaklyga ugrukdyrylýar, bu bolsa işçi orunlarynyň döredilmegine we işgärleriň hünär taýdan gaýtadan taýýarlanmagyna kömek edýär.

Şular ýaly taslamalaryň kömegi bilen 2005-nji ýylda Albaniýada takmynan 1,6 mln pyýada goşuna garşy minalar şowly ýok edildi; Moldowada pyýada goşuna garşy 12 müň mina we 7000 müň artykmaç ok-däriler we raketa ýangyjynyň galyndylary gaýtadan işläp çykarmaklyga geçirildi; Ukrainada pyýada goşuna garşy 4000 müň mina ýok edildi; Täjigistanda pyýada goşuna garşy 1200 mina ýok edildi, Gruziýada 300-den gowrak raketa söküldi. Ýaragsyzlandyrmagyň goşmaça taslamalary Azerbaýjanda, Albaniýada, Belarussiýada, Serbiýada we Çernogoriýada, Ukrainada meýilnamalaşdyryldy.

## PARAHATÇYLYGYŇ HATYRASYNA HYZMATDAŞLYGYŇ MAKSATLAÝYN GAZNALARY

PHH maksatlaýyn gaznalaryny döretmegiň syýasaty ilkibaşda 2000-nji ýylyň Ruhnama aýynda hyzmatdaş döwletleriň pyýada goşuna garşy ätiýaçlyk minalary howpsuz ýok etmeklikde hyzmatdaşlygynyň mehanizmi hökmünde tassyklandy. Şeýlelikde, ol gatnaşyjy ýurtlara pyýada goşuna garşy minalary ulanmagy, saklamagy, öndürmegi we geçirmegi gadagan etmek hem-de olary ýok etmek hakyndaky Ottawa ylalaşygyny amala aşyrmaklyga goldaw bermeklige gönükdirildi.

Minalary ýok etmek mümkinçilikleriniň şowly taslamalary esasynda gazna tarapyndan ok-därileri we atyjy hem-de ýeňil ýaraglary ýok etmeklige gönükdirilen ýaragsyzlandyryşyň beýleki taslamalarynyň işlerini goşmak bilen giňeldildi. Golaýda şular ýaly gaznalary ulanmagyň mümkinçilikleri harby gullukçylary hünär taýdan gaýtadan taýýarlamak we harby bazalaryň şertlerini üýtgetmek ýaly başlangyçlar ýoly bilen hyzmatdaş döwletleriň harby üýtgetmeleriň netijelerini aradan aýyrmakda goldamak maksady bilen täzeden giňeldildi. Şeýle hem maksatlaýyn gaznalar Ortaýer deňziniň gepleşikleri ýurtlarynyň bähbitlerinde döredilip bilner.

Maksatlaýyn gaznalaryň çäklerinde NATO-nyň agzalary anyk taslamalary ýola goýmak we amala aşyrmak maksady bilen aýratyn hyzmatdaş döwletler bilen özara gatnaşyklary alyp barýar. Her bir ýagdaýda NATO ýa-da hyzmatdaş döwlet hemaýatkärlik ugrunda we taslama tekliplerini işläp taýýarlamakda, şeýle hem kuwwatly goýumçylary agtarmakda başlangyçlary öz üstüne alýarlar. Şular ýaly taslamalardan gönüden-göni bähbit gazanýan hyzmatdaş döwletler bu işleriň belli bir bölegini işjeňlik bilen öz üstüne alýarlar we öz serişdeleriniň çäklerinde taslamany aňrybaş goldamagy üpjün edýärler. Maslahatlar we hödürnamalar NATO-nyň bilermenlerine berilýär.

Maliýeleşdirmek NATO-nyň agza döwletleri we hyzmatdaş döwletler tarapyndan meýletin esasda üpjün edilýär. Ýygymlar enjamlar we hyzmatlar görnüşinde geçirilip bilner. Lýuksemburgda ýerleşýän tehniki üpjünçilik we enjamlaşdyryş gullugy, köplenç, taslamalar boýunça ýerine ýetiriji gurama hökmünde çykyş edýär we olaryň tehniki we maliýe taraplaryny durmuşa geçirmeklige jogap berýär.

*Goşmaça maglumatlara seret: www.nato.int/pfp/trust-fund.htm*





### Könelen raketalary ýok etmek

2005-nji ýylyň başlarynda tamamlanan PHH maksatlaýyn gaznasynyň kömegi bilen Gruziýada howpsuz şertlerde takmynan 300 sany könelen zenit raketalary ýok edildi. Poniçaladaky we Çaladididäki harby bazalaryň çäginde saklanýan bu raketalar söküldi, käbir partlaýjy öň tarapky bölekleri soňra başga ýere geçirildi, ol ýerde belli bir aralyk usulynda partladyldy.

Bu taslama raketalaryň saklanýan etraplaryndaky howpsuzlygy düýpli ýokarlandyrdy, şeýle hem bu ýaragyň daşky gurşawy hapalamaklyga getirip biljek zyýanynyň öňüni almaga ýardam etdi.

# Adatdan daşary ýagdaýlary öňünden Duýdurmak we täsirlenmek

Tebigy betbagtçylyklar we tehnogen adatdan daşary ýagdaýlar islendik wagtda ýüze çykyp biler we islendik ýurt uly heläkçiligiň netijelerini ýok etmekligiň zerurlygy bilen ýüzbe-ýüz bolup bilerler. Harby häsiýetde bolmadyk düýpli adatdan daşary ýagdaýlar hem howpsuzlyga we kadaly ösüşe düýpli howp döredýär. Her bir ýurt öz çägindäki adatdan daşary ýagdaýlar bilen göreşmeklige özi jogap berip we heläkçilik çekenlere kömek berýän bolsa-da, adatdan daşary ýagdaýlaryň göwrümi we dowamlylygy heläkçilik çeken ýurtlar üçin örän uly bolup biler, onuň netijeleri döwlet serhetleriniň çäklerinden has uzaklara aralaşyp biler. Şonuň üçin adatdan daşary ýagdaýlary ýok etmek we täsirlenme kuwwatyny ýokarlandyrmak işinde halkara hyzmatdaşlygy zerur.

Adatdan daşary ýagdaýlary öňünden duýdurmak we täsirlenmek ugrunda hyzmatdaşlygy NATO "Raýatlyk adatdan daşary ýagdaýlary meýilnamalaşdyryş" – diýip, atlandyrýar, bu NATO ýurtlarynyň arasynda eýýäm ençeme ýyllaryň dowamynda alnyp barylýar. Togsanynjy ýyllarda onuň düzümi hyzmatdaş ýurtlary goşmak bilen giňeldildi we Parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlyk işinde has uly harby däl goşmaça güýje öwrüldi. 1998-nji ýylda Russiýa Federasiýasynyň teklibi boýunça. Tebigy betbagtçylyklarda we heläkçiliklerde täsirlenmäni ugrukdyrmak boýunça ýewroatlantiki merkez (TBHTUÝAM) döredildi. Ol Ýewroatlantik sebitinde tebigy betbagtçy-lyklara täsirlenme boýunça ÝAHG ýurtlarynyň çärelerini ugrukdyrmaklygy öz öňünde wezipe edip goýdy.



> "Gyzyl ýarymaý" guramasynyň işgärleri Parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlyk okuwlaryna gatnaşýarlar.

## Netijeli ugrukdyryşa ýardam bermek

Tebigy betbagtçylylara we heläkçiliklere netijeli täsirlenmeklik ulag, saglygy goraýyş serişdeleri, aragatnaşyk, täsirlenme güýçleriniň we serişdeleriniň hem-de beýleki raýatlyk baýlyklarynyň meselelerini ugrukdyrmagy talap edýär. Ähli ýurtlar adatdan daşary ýagdaýlary öňünden duýdurmagyň meýilnamalarynyň milli derejede bolmagyna jogap berýärler. Muňa garamazdan, käbir tebigy betbagtçylyklaryň we heläkçilikleriň ulag gatnaw çäklendirmeleriniň ýüze çykyp biljek häsiýetlerini, şeýle hem halkara kömek hakyndaky sowallary netijeli kanagatlandyrmaklygyň zerurlyklaryny hasaba almak bilen halkara derejesinde hyzmatdaşlygy we meýilnamalaşdyryşy ösdürmek zerur.

Raýatlyk adatdan daşary ýagdaýlary meýilnamalaş-dyryş ugrunda NATO-nyň we hyzmatdaş döweltleriň arasyndaky hyzmatdaşlyk işleriň dürli görnüşlerini, maslahatlary, simpoziumlary, taýýarlyk okuwlaryny, okuw sapaklaryny öz içine alýar. Oňa ýerli, sebit we milli dolandyryjy edaralaryň dürli derejelerinden wekilçilik edýän raýatlar we harby gullukçylar gatnaşýar. Bu işlere esasy gatnaşyjylar beýleki halkara guramalar, Ynsanperwer meseleleri ugrukdyrmak boýunça BMG-niň býurosy we BMG-niň Bosgunlaryň işleri boýunça ýokary komissaryň müdirligi, Atom energiýasy boýunça halkara gulluk we Ýewropa bileleşigi, şeýle hem hökümete degişli bolmadyk ynsanperwer guramalar hasaplanýar.

Adatdan daşary ýagdaýlardaky hereketlerde zerur tehnikalaryň üpjünçiligine, şeýle hem umumy taýýarlyga we okuwa degişli kadalaryň meýilnamalarynyň işlenip düzülmegi netijesinde NATO we hyzmatdaş döwletler TBHTUÝAM-niň üsti bilen dürli tebigy betbagtçylyklardan täsirlenme we kömek bermek boýunça işleri netijeli ugrukdyrmagy başardylar. Olara Azerbaýjandaky, Albaniýadaky, Wengriýadaky, Rumyniýadaky, Ukrainadaky, Çeh Respublikasyndaky suw basmalary; Türkiýedäki ýertitreme; Portugaliýadaky we öňki Ýugoslawiýa Respublikasyndaky Makedoniýadaky* ýertitemeler; Moldowadaky we Ukrainadaky amatsyz howa şertleri degişlidir.



### Suw basmada kömekler

Geçen asyrda demirgazyk Ukrainada 13 sany düýpli suw basma bolup geçdi. NATO we hyzmatdaş döwletler Ukraina 1995, 1998 we 2001-nji ýyllarda düýpli suw basmalardan soňra kömek berdiler.

1997-nji ýylda raýatlyk adatdan daşary ýagdaýlary meýilnamalaşdyryş we adatdan daşary ýagdaýlary öňünden duýdurmak boýunça özara düşünişmek hakyndaky ykrarnama laýyklykda, bu ugurda örän giňişleýin hyzmatdaşlyk maksatnamasy durmuşa ornaşdyryldy, ol Ukraina gönüden-göni amaly bähbitler getirdi. Esasy maksat onuň demirgazyk böleklerinde ýygy-ýygydan uly suw basmalaryna sezewar bolýan Ukraina kömek etmekden, şular ýaly adatdan daşary ýagdaýlarda özüniň taýýarlygyny ýokarlandyrmakdan we olaryň ýetiren zyýanlaryny has netijeli ýok etmekden ybarat. PHH okuwlary, 2000-nji ýylyň Ruhnama aýynda Zakarpatýede geçirilende okuwlary hem öz içine almak bilen tebigy betbagtçylyklarda we heläkçiliklerde howa aňtawyny geçirmek, heläkçilik çekenleri howpsuz ýere geçirmek we suwdan arassalamak üçin tehnikalary ulanmak ýaly kömekleri bermegiň usullarynyň ygtybarlylygyny barlamaga kömek berýär. Bulardan başga-da 2001-nji ýylda tamamlanan bilermenlik taslamalarynyň çäklerinde on iki ýurtdan suw basmalarynyň we adatdan daşary ýagdaýlaryň meseleleri boýunça 40-dan gowrak bilermen işledi, olar Tis derýasynyň suw toplaýyş etraby üçin suw basmagyny öňünden duýdurmaklyk we täsirlenmegiň netijeli ulgamlary boýunça amaly hödürnamalary işläp düzdüler.

## TEBIGY BETBAGTÇYLYKLARDA WE HELÄKÇILIKLERDE TÄSIRLENMÄNI UGRUKDYRMAK BOÝUNÇA ÝEWROATLANTIKI MERKEZ

1998-nji ýylyň Gorkut aýynda Russiýanyň teklibi boýunça NATO-nyň ştab kwartirasynda Tebigy betbagtçylyklarda we heläkçiliklerde täsirlenmäni ugrukdyrmak boýunça ýewroatlantiki merkez (TBHTUÝAM) döredildi. Bu merkez gije-gündiziň dowamynda işleýär. Ol Ýewroatlantik sebitindäki tebigy betbagtçylyklarda we heläkçiliklerde NATO-nyň we hyzmatdaş döwletleriň arasynda habarlar alyşmak we täsirlenme çärelerini ugrukdyrmak boýunça işleri alyp barýar. Merkez täsirlenmä we tebigy betbagtçylyklara hem-de tehnogen heläkçiliklere taýýarlamak, şeýle hem himiki, biologiki we radiologiki serişdeleri ulanmak bilen terrorçylyk hereketleriniň netijelerini ýok etmek boýunça hereketleriň meseleleri bilen baglanyşykly raýatlyk adatdan daşary ýagdaýlaryň netijelerini ýok etmekligiň wezipelerini işläp taýýarlamak üçin düýpli okuwlary guraýar.

Merkez halkara guramalar – Ynsanperwer meseleleri ugrukdyrmak boýunça BMG-niň býurosy we Himiki ýaraglary gadagan etmek boýunça gurama we beýleki guramalar bilen özara jebis hereket edýär, tebigy betbagtçylyklarda halkara derejesinde täsirlenmegiň we onuň netijelerini ýok etmegiň çärelerini guramaklykda esasy orun eýeleýär.

Ol ygtyýarnama tertibiniň, serhetden geçiriş tertibiniň, üstaşyr geçmek hakyndaky ylalaşygyň, gümrük saplaýyşsyz harytlary girizmegiň we çykarmagyň gümrük rugsatnamasaýny we işgärleriň derejesi hakyndaky ylalaşygyň meselelerini çözmek üçin ýurtlara ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn çäreleri işläp düzmeklige kömek edýär. Şular ýaly çäreler tebigy betbagtçylyklaryň we heläkçilikleriň bolan ýerlerine kömek üçin ýükleri eltmekde we halas ediji birikmeleri ýaýratmakda bähbit araýjylyk yza çekdirmeleriň öňüni almaklyga kömek berýär. Şeýle hem tebigy betbagtçylyklarda ýa-da heläkçiliklerde gysga möhletiň içinde kömek bermäge taýýar ýurtlardan dürli milli halas ediji birikmelerden Tebigy betbagtçylyklara we heläkçiliklere täsirlenme boýunça ýewroatlantiki birikmeleri döretmek hakynda ylalaşyklar gazanyldy.

*Goşmaça maglumatlara seret: www.nato.int/eadrcc/home.htm*

## Bosgunlara kömek

TBHTUÝAM ilkibaşda tebigy betbagtçylyklaryň we tehnogen heläkçilikleriň netijelerini ýok etmeklige ýardam etmek üçin döredilen hem bolsa, oňa özüniň işe başlan ilkinji günlerinden Kosowodaky we onuň töweregindäki ynsanperwerlik dartgynlylygynyň ösmegi bilen baglanyşyklykda 1998-nji ýylda halkara jemgyýetçiliginde ynjalyksyzlyk ýüze çykanda, bosgunlara kömek bermek boýunça guramalaryň tagallalaryna goldaw berip başlady. Ýylyň ahyrynda serb goşunlarynyň we polisiýa birikmeleriniň hem-de Albaniýanyň Kosowo garşy güýçleriniň arasyndaky açyk garşylyklaryň barşynda ýerli albanlaryň köp sanlysy heläk boldy we 300 müňden gowrak adam öz öýlerini taşlap gaçmaga mejbur boldular.

TBHTUÝAM 1998-nji ýylyň Gorkut aýynyň başynda ol döredilen badyna, haçan-da BMG-niň Bosgunlaryň işleri boýunça ýokary komissarynyň müdirligi Albaniýanyň bosgunlary üçin ilkinji zerur bolan serişdeleriň 165 tonnasyny daşamaklygy guramaklykda kömek bermegi barada haýyş bilen ýüz tutanda işlere gönüden-göni gatnaşyp başlady. Soňraky birnäçe aýyň dowamynda, dartgynlylygyň ösmegi netijesinde TBHTUÝAM bilen BMG-niň Bosgunlaryň işleri ýokary komissarynyň müdirliginiň arasynda hyzmatdaşlygyň ygtybarly esasy döredildi. TBHTUÝAM işgärleri birnäçe gezek ýerlerdäki ýagdaýlar bilen has ýakyndan tanyşmak üçin sebitlere gitdiler. Şu esasda haçan-da 1999-njy ýylyň ýazynda NATO boýunça hyzmatdaşlaryň howa hüjümleri we serbleriň ýüz müňlerçe ýerli albanlary kowup çykarmagy netijesinde, dartgynlylyk güýçlenip başlandan soňra merkeziň kömek bermek boýunça işlerini çuňlaşdyrmaga we giňeltmäge mümkinçiligi emele geldi.

Merkez ÝAHG ýurtlarynyň arasynda maglumatlar alyşmak boýunça öz işlerini ugrukdyrdy we kömek hakynda haýyşlara täsir etmek çärelerini ugrukdyrmaklyga ýardam etdi. Ýigrimi müňden gowrak adam üçin göz öňünde tutulan derman serişdeler we saglygy goraýyş tehnikalary, aýakgaplary we egin-eşikleri, ilkinji zerur bolan serişdeli ýükler ugradyldy. TBHTUÝAM hyzmatdaşlyga gatnaşmaýan Ysraýyl ýaly beýleki ýurtlardan sebite kömekleri iberdi, ol doly toplumly we enjamlaşdyrylan meýdan hassahanasyny berdi we Birleşen Arap Emirlikleri hem kömek berdi, olar Albaniýanyň demirgazyk-gündogaryndaky Kukes aerodromyny gaýtadan dikeltmäge ýardam etdi.

> Tebigy betbagtçylyklara we heläkçiliklere täsirleniş Ýewroatlantiki ugrukdyryş merkezi Kosowodaky dartgynlylyk wagtynda bosgunlara kömek bermek boýunça amaly işlere goldaw berdi.



Ýükleri daşamaklyga we paýlamaklyga ýardam bermek üçin olaryň kömegi bilen uçarlar, dikuçarlar, ýükleri işläp taýýarlaýjy toparlar berildi we maddy-tehniki üpjünçilik boýunça maslahatlar geçirildi. Şeýle hem TBHTUÝAM ileri tutulýan ynsanperwer ýükleriniň gatnawlaryny ugrukdyrmaklykda düýpli orun eýeledi. Oňa BMG-niň howa gatnawlaryny ugrukdyryjy toparda howa hereketini dolandyrmak boýunça iş saparyna ugradylan hünärmenleri guramak we degişli kadalary işläp taýýarlamak maksady bilen, howa hereketini dolandyryş ugrunda esasy gatnaşýjylary birikdirmek başartdy.

Bulardan başga-da has düýpli dartgynly iki ýurduň, Albaniýanyň we öňki Ýugoslawiýa Respublikasynyň Makedoniýanyň* adyndan çykyş edip, TBHTUÝAM NATO-nyň beýleki birikmeleri bilen we NATO girmeýän guramalar bilen gatnaşyklarda araçy hökmünde hereket etdi. Ol bu ýurtlaryň arasynda duran anyk derwaýys meseleleri takyklamaga we düşündirmäge kömek etdi. Şular ýaly derwaýys meseleleriň biri dartgynlylyk ýitileşen wagtynda bosgunlary üçünji bir ýurda howpsuz ýere geçirmegi guramaklyga mümkinçilik berýän mehanizmleri gyssagly döretmek zerurlygy bolup, ol ynsanperwer öňüni alyş işlerinde esasy orun eýelemelidi.

## Terrorçylykly hereketlerine taýýarlyk

2001-nji ýylyň Ruhnama aýynyň 11-indäki waka himiki, biologiki, radiologiki we ýadro (HBRÝ) ýaraglaryny ulanmak bilen parahat ilatyň üstüne mümkin bolan terrorçylykly çozuşlara taýýarlanmakda gaýragoýulmasyz hyzmatdaşlygyň zerurlygyny görkezdi. Terrorçylyga garşy hyzmatdaşlygyň hereketiniň meýilnamasy (*15 surata seret*) terrorçylykly hereketlerde we köpçülikleýin ýok ediş ýaraglary ulanylanda ilatyň gowşak taraplarynyň derejesini peseltmek we töwekgelçiliklere baha bermek üçin raýatlyk adatdan daşary ýagdaýlarynda meýilnamalaşdyrmaklyga gatnaşmaga we degişli habarlary bilelikde ulanmaklyga kömek edýär.

HBRÝ ýaraglary ulanmak arkaly bolup biläýjek terrorçylykly hereketlerde raýatlyk gulluklarynyň taýýarlygyny ýokarlandyrmakda milli häkimiýetlere ýardam bermek üçin raýatlyk adatdan daşary ýagdaýlaryň meýilnamalaşdyrmagyň hereketleriniň meýilnamasy kabul edildi. NATO we hyzmatdaş döwletler milli güýçleriň we serişdeleriň sanawyny taýýarladylar we yzygiderli täzeläp durýarlar, olar şular ýaly çozuşlar ýüze çykanda işe giriziler. Oňa serişdeleriň ähli görnüşleri, şol sanda saglygy goraýyş kömegini bermegiň, radiologiki ýüze çykaryş serişdeleriň, zäherlenme serişdeleriniň deň hasaplanýan barlaghanalary, howpsuz ýere geçirişiň awia saglygy goraýyş serişdeleri degişli. Derwaýys serişdeleriň ätiýaçlygy döredilip, olar şu ýagdaýlarda talap edilip bilner. Döwlet serhetlerinden geçmegiň kadalaryny kämilleşdirmek boýunça geçirilýän işler adatdan daşary ýagdaýlarda kömekleriň gelip gowuşmagyny aňrybaş çaltlandyrýar. Okuw taýýarlygyň, meýilnamalaşdyrmagyň we tehnikanyň iň kiçi standartlary hem işlenip düzülýär. Parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlygyň çäklerinde terrorçylykly hereketlere jogap çäreleri we olaryň netijelerini ýok etmek ugrunda ýurtlaryň aňrybaş netijeli özara hyzmatdaşlyk edip bilmegini gazanmaklyga mümkinçilik berýän meýdan taýýarlyk okuwlary yzygiderli guralýar. Bu hünärmenleriň dürli toparynyň dessin utgaşykly hereketini ýokarlandyrmagyň zerurlygy bilen gürrüňsiz baglanyşyklydyr, olar gyssagly saglygy goraýyş kömegi bermek, zäherlenmäniň işjeň ýagdaýyny gowşatmak we arassalamak meselelerini çözmek bilen meşgul bolýarlar. Häzirki wagtda garalýan beýleki bir derwaýys mesele adatdan daşary ýagdaýlarda aljyraňňylyk şertlerinde ilata habar bermegiň meselelerini çözmegiň usuly bilen baglanyşyklydyr.



### “Hapa bomba” ulanylmagyna täsirlenme boýunça okuwlar

2003-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýynda Rumyniýanyň Piteşti şäherinde (ol wagtda Rumyniýa hyzmatdaş döwletdi) “hapa bomba” (çöküş häsiýetli radiologik gurluş) ulanmak bilen baglanyşykly terrorçylykly hereketlere halkara derejesinde täsirlenmäniň taýýarlyk çäreleri, okuwlary geçirildi. Oňa takmynan 1300 rumyn hünärmenleri we dürli ýurtlaryndan 350 bilermen gatnaşdy.

# Howpsuzlyk, ylym we daşarky gurşaw

NATO-nyň iki sany aýratyn maksatnamasy hemişelik esasda NATO-nyň we hyzmatdaş döwletleriň alymlaryny we bilermenlerini birleşdirýär, olar umumy alada goýýan derwaýys meseleleriň üstünde işleýärler. Hyzmatdaşlyk – bu alymlaryň adaty däbi we ylmy ösüşiň talaby. Alymlaryň arasynda bar bolan aragatnaşyk ulgamy dürli medeniýetleri we däp-dessurlary bilen tanalýan alymlaryň birleşikleriniň arasyndaky düşünişmegi we ynamy emele getirmegiň syýasy wezipesini hem ýerine ýetirýär.

NATO-nyň Ylmy komitetiniň "Ylmyň üsti bilen howpsuzlyk" maksatnamasy derwaýys meseleleri çözmek üçin ylmyň gazananlaryny ulanmak bilen ýurtlaryň arasynda howpsuzlyga, kadaly ösüşe we raýdaşlyga öz goşandyny gosmaklygy öz öňünde maksat edinip goýýar. Ol NATO ýurtlarynda, hyzmatdaş döwletlerde we Ortaýer deňzi gepleşikler ýurtlarynda işleýän alymlaryň gyzyklanmalary bilen ylmy kuwwatlylygy ýokarlandyrmagy we alymlary birleşdirýän ulgamy guramagy, hyzmatdaşlygy guraýar. "Ylmyň üsti bilen howpsuzlyk" maksatnamasynda esasy üns terrorçylykdan ýa-da howpsuzlyga beýleki howp salýan hereketlerden goranmak bilen baglanyşykly derňew mowzuklary boýunça hyzmatdaşlygy goldamaga esasy üns berilýär. Beýleki bir maksat hyzmatdaş döwletlere ilkinji derejeli anyk wezipeleri çözmekde kömek bermek üçin bilelikdäki ösüşe ýardam bermekden ybarat.

Häzirki zaman jemgyýetiniň çagyryşlary boýunça komitetiniň (HZJÇK) maksatnamasy gysga möhletli we uzak möhletli esaslarda ylmy barlagçylaryň hyzmatdaşlygyny guramak bilen milli pudaklary birleşdirip daşky gurşawyň we jemgyýetiň derwaýys meselelerini çözmek bilen meşgullanmakdan ybarat. Ol özboluşly täsin forum bolup hyzmat edýär, onda NATO döwletleriniň we hyzmatdaş döwletleriň wekilleriniň arasynda durmuş gurşawy we daşky gurşaw ugrunda raýatlyk we harby bölümlerde syýasy nukdaýnazarlarda ylmy-tehniki meseleler boýunça bilim we tejribe alyşmak mümkin. Ol öz işinde howpsuzlyk bilen baglanyşykly esasy wezipelere goldanýar.

## Howpsuzlyk gullugynda ylym

### Terrorçylykdan goranmak

NATO we hyzmatdaş döwletler boýunça bileleşikler üçin esasy ileri tutulýan ugur terrorçylyga garşy göreşe öwrüldi. NATO himiki, biologiki, radiologiki we ýadro ýaraglaryny ýa-da olaryň maddalaryny ýüze çykarmagyň netijeli usulyýetlerini işläp taýýarlamak we fiziki goraglylygy gowulandyrmak ugrunda ylmy barlaglary goldaýar. Şeýle hem şu ylmy barlaglar zäherlenmäniň işjeňligini gowşatmak, saglygy goraýyşda garşy duruş hereket ediş çäreleri, şol sanda himiki we waksina tehnologiýalary ýaraglary howpsuz ýok etmegiň mümkinçiliklerini giňeltmek goldaw alýar.

Senagat taýdan ösüşiň derwaýys binalarynyň, şol sanda energetika, aragatnaşyk, ulag we durmuş taýdan üpjünçilik ulgamynyň binalarynyň gowşak derejesini azaltmak meseleleri; tebigy terrorçylykdan we kiberterrorçylykdan goranmak; serhetleriň howpsuzlygyny ýokarlandyrmak; bikanun söwda garşy göreşmek; partlaýjy maddalary agtarmagyň netijeli serişdelerini işläp taýýarlamak bilen meşgullanýan alymlary birleşdirmek maksady bilen simpoziumlar we seminarlar guramak.

Şeýle hem syýasy maslahatlary işläp taýýarlamak maksady bilen giň göwrümli meseleleri terrorçylygyň düýpli sebäplerini, terrorçylygyň durmuş we psihologiki netijelerini, terrorçylykly howpa ilatyň durnuklylygyny ýokarlandyrmagyň usullaryny öwrenmek derňewleriň mazmuny bolup hyzmat edýär.

### Beýleki howplara garşy hereketler

Kuwwatly howplaryň beýleki çeşmeleriniň howplulygy belli bir derejede aýdyň bolsa-da, olaryň howpsuzlygy we kadaly ösüşi üpjün etmek üçin salýan howpunyň derejesi pes däldir. Olara öndürilmedik çig mallaryň ýetmezçiligi we daşky gurşawyň çäklendirilmeginiň derwaýys meseleleri, çölleşme, topragyň şorlaşmagy, umumy suw ýollarynyň hapalanmagy degişli bolup, olar sebitara we gatnaw çäklendirme jedellere getirip biler. Şular ýaly derwaýys meseleleri çözmeklik, diňe bir ylmy bilimleri däl, eýsem köptaraplaýyn hereketleri talap edýär. NATO bu zerurlyklary kanagatlandyrmak üçin taslamalary

we derňewleri goldaýar, olar öňdebaryjy ylmy tejribäni ulanmaklyga we bu işlere esasy isleg bildirýän ýurtlary çekmeklige ýardam berýärler.

Eger-de tebigy betbagtçylyklary öňünden aýtmak, olaryň täsirini ýeňilleşdirmek ýa-da has ygtybarlysy olaryň öňüni almak mümkin bolan bolsa, dünýäde howp azalardy. Bu derwaýys ugur ençeme hyzmatdaşlary gyzyklandyrýar. NATO birnäçe taslamalary geçirdi, olaryň maksady – adam heläkçiligini, maddy ýitgileri, ykdysady we durmuş ynjalyksyzlygyny azaltmak meýili bilen düýpli ýertitremeleriň täsirini peseltmekden ybarat. Şular ýaly taslamalar binalaryň ýertitremeleriniň durnuklylygyny ýokarlandyrmak ýollaryny we çaklanylýan howply zolaklaryň seýsmiki kartalaryny düzmek üçin sebitiň seýsmologiki we geologiki häsiýetnamalary boýunça maglumatlaryny ýygnamakdan ybarat bolup, olar şäher meýilnamaçylaryna gurluşykda binanyň degişli görnüşini saýlap almaga kömek edýär. Şu maksatnama boýunça suw basmalaryna garşy göreş ulgamlary we ilkibaşdan öňünden duýdurmagyň netijeli çärelerini işläp taýýarlamaklyga gönükdirilen taslamalary goldamakdan ybarat.

Häzirkizaman jemgyýeti hapalanmadyk iýmit önümleri we ygtybarly goragly habarlar bilen üpjünçilige, olaryň üznüksiz bolmagyna talaplary göz öňünde tutýar. Şonuň üçin bu ugurdaky işler biziň jemgyýetimiziň howpsuzlygyny ýokarlandyrmak maksady bilen gelejekde öwrenmek üçin örän derwaýys.

## DAŞKY GURŞAW WE HOWPSUZLYK

Daşky gurşawda gatnawyň çäklendirilmegi häsiýetli derwaýys meseleleri halkara hyzmatdaşlykda daşky gurşawy goramak boýunça taslamalarda işjeň orny öz üstüne almaklyga pikirleri oýardy, şunlukda, diňe bir durmuş-ykdysady ösüş maksady göz öňünde tutulman, eýsem howpsuzlygy we kadaly ösüşi ýokarlandyrmaga ýardam bermeklik göz öňünde tutuldy. Şular ýaly taslamalar Häzirki zaman jemgyýetiniň çagyryşlary boýunça komitetiniň (HZJÇK) maksatnamasynyň esasynda durýar we “Ylmyň üsti bilen howpsuzlyk” maksatnamasynyň derwaýys bölegi hasaplanýar.

2002-nji ýylda Ýewropada Howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasy, BMG-niň Daşky gurşaw boýunça maksatnamasy we BMG-niň Ösüş maksatnamasy “Daşky gurşaw we howpsuzlyk” (DGH) bilelikdäki başlangyçlary öňe sürmek bilen daşky gurşawyň, howpsuzlygyň we kadaly ösüşiň meseleleriniň birleşmeginde düýpli ädim ätdiler. Bu başlangyçlarda esasan Balkan, Kawkaz we Merkezi Aziýa ýaly sebitlere üns berilýär.

“Ylmyň üsti bilen howpsuzlyk” maksatnamasy we HZJÇK maksatnamasy bu sebitlerdäki hyzmatdaş döwletler bilen ylym we daşky gurşaw ugrunda hyzmatdaşlyk ýoly bilen howpsuzlygy berkitmek meseleleri babatynda meşgullanýar, olar indi DGH aragatnaşygy ýola goýdular. Şeýlelikde, bu ugurda işleri ugrukdyrmaklyk we habarlar alyşmak guralar. Bu işleriň netijeleri bolsa, sebitdäki degişli häkimiýet edaralarynyň dykgatyna ýetiriler. Bu geçirilýän işleriň netijeliligini düýpli ýokarlandyrmaga mümkinçilik berer.




**Bişkekdäki ýaşaýyş binalarynyň ähli görnüşleriniň seýsmiki ýumrulyşy**

### Ýertitremede kömek

Ýertitreme Merkezi Aziýanyň gür ilatly etraplarynda düýpli howp döreýär. NATO-nyň hemaýatkärlik çäklerindäki taslamada ýertitremäniň meseleleri boýunça türk hünärmenleri Özbegistandaky we Gyrgyzystan Respublikasyndaky işdeşlerine ýurduň paýtagty Daşkent we Bişkek üçin töwekgelçilik zolaklarynyň kartasyny düzmäge kömek berýärler. Bu kartalar şäheri meýilnamalaşdyryş we bar bolan binalary berkidiş meseleleri boýunça kararlary kabul etmekde hyzmat eder.

## Adamlary birleşdirip

Habarlara aralaşmak alymlar üçin ilkinji derejeli ähmiýete eýedir we olara soňraky wakalar we derňewler bilen tanyşmaga mümkinçilik berýär. Muňa garamazdan, alymlaryň we mugallymlaryň ähli bileleşikleri habarlar asyrynyň gazananlaryndan we Internetiň mümkinçiliklerinden peýdalanyp bilmeýärler. Bulardan başga-da habarlaryň bir ýere toplanmazlygy demokratiýanyň we raýatlyk jemgyýetiniň gülläp ösmeginde esas bolup hyzmat edýär diýip hasaplanylýar.

Bu meseläni çözmeklige ýardam bermek üçin NATO-nyň raýatlyk ylmy maksatnamasy hyzmatdaş döwletleriň birnäçe ylmy-barlag we bilim edaralaryna Internete aralaşmagy guramak üçin zerur bolan ulgamlaýyn önümçilige hyzmat edýän hojalyk pudaklarynyň toplumyny berdi.

Russiýanyň we Ukrainanyň gündogar sebitlerinde mugallymlaryň bileleşikleri üçin Internete aralaşmagy gowulandyrmak üçin sebitleýin ulgamlar döredildi. Bulardan başga-da Moldowada, öňki Ýugoslawiýa Respublikasy Makedoniýada* we Rumyniýada milli ulgamlar döredildi. NATO-nyň bu ugurda hemaýatkärlik edýän düýpli giň göwrümli taslamalarynyň biri “Wirtual ýüpek ýoly” taslamasy boldy, ol hemra aragatnaşyklary esasynda Demirgazyk Kawkazyň we Merkezi Aziýanyň alymlar we mugallymlar bileleşiklerine Internete aralaşmaga mümkinçilik berýär.




**“Wirtual ýüpek ýoly”**

“Wirtual ýüpek ýoly” taslamasy boýunça işler 2001-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýynda başlandy (onuň ady Beýik Ýüpek ýoly bilen baglanyşykly, Ýewropany Uzak Gündogar bilen birikdirdi we haryt, bilim we pikir alyşmagy ösdürmeklige ýardam etdi). Bu taslama boýunça alymlar we mugallymlar bileleşiklerine sekiz hyzmatdaş döwletlerde, Günorta Kawkazda we Merkezi Aziýada – Azerbaýjanda, Ermenistanda, Gruziýada, Gazagystanda, Gyrgyzysta Respublikasynda, Täjigistanda, Türkmenistanda we Özbegistanda Internete aralaşmaga mümkinçilik berýär. 2004-nji ýylda bu taslama oňa Owganystany goşmak bilen giňeldildi.

Şu taslamanyň kömegi bilen gatnaşyjy ýurtlaryň alymlary we mugallymlary peýdaly häzirkizaman hemra aragatnaşyk tehnologiýasyny üpjün edýän umumy hemra aragatnaşyk şöhlesiniň üsti bilen Internetden peýdalanyp bilerler. Iri zolakly hemra aragatnaşygyny maliýeleşdirmek we on sany hemra aragatnaşyk antenini oturtmak NATO-nyň grantynyň hasabyna amala aşyrylýar. Taslamanyň beýleki hemaýatkärleri enjamlaşdyrmak we hyzmatlar bilen bagly goşantlaryny goşýarlar. Dört ýyldan gowrak wagtyň içinde bu taslamanyň maliýeleşdirilişi 3,5 mln ABŞ dollaryndan ybarat boldy, ol NATO-nyň raýatlyk ylmy maksatnamasynyň serişdeleriniň hasabyna haýsydyr bir amala aşyrylan taslamalaryň iň ulusy boldy.

# Ýewroatlantiki howpsuzlygyň hakyky medeniýeti

Demirgazyk Atlantiki hyzmatdaşlygy ösdüriş bileleşigi adatdan daşary şowly boldy we Ýewroatlantiki sebitde wajyp ýagdaýlaryň üýtgemegine täsirini ýetirdi. Syýasy gepleşikleri we güýçleriň hem-de serişdeleriň dessin baglanyşygyny ösdürip, hyzmatdaşlyk Ýewroatlantiki howpsuzlygynyň hakyky medeniýetini döretmäge kömek edýär, ol Ýewroatlantiki hyzmatdaşlyk döwletlerinde we onuň çäklerinden daşarda howpsuzlygyň ýüze çykmagyna derwaýys garşylyk görkezmekde hyzmatdaşlyga aýgytly çözgütleri teklip edýär.

NATO we hyzmatdaşlar boýunça bileleşikleriň ýaragly güýçleriniň özara baglanyşyklykda taýýarlanmagyna gönükdirilen amaly hyzmatdaşlygyň kömegi bilen NATO ýurtlarynyň we hyzmatdaş döwletleriň harby gullukçylary Balkanda we Owganystanda egin-egne berip gulluk edýärler. Hyzmatdaşlyk NATO we hyzmatdaş döwletler boýunça bileleşikleriň terrorçylyk howpuna garşy esasy göreşlerine we köpçülikleýin ýok ediş ýaraglarynyň ýaýradylmagynyň derwaýys meselelerini çözmeklige hyzmat edýär.

Ençeme hyzmatdaş döwletlerde harby reformalary höweslendirmek we goldamak bilen hyzmatdaşlyk demokratiki taýdan özgerişlere ýardam edýär, ol häzirkizaman, netijeli, demokratiki taýdan jogapkär ýaragly güýçleri we beýleki goranmak institutlaryny döretmäge kömek berýär. Bulardan başga-da, ol ýurtlara şular ýaly reformalaryň durmuşy we maddy netijelerini aradan aýyrmaga kömek berýär.

NATO-nyň ýurtlarynyň we hyzmatdaş döwletleriň raýatlarynyň, şol sanda adatdan daşary ýagdaýlary öňünden duýdurmakda hem-de ylym we daşky gurşaw ugrundaky hyzmatdaşlykda işleriň beýleki ugurlarynyň giňişleýin çäklerinde alýan gönüden-göni haýyrlary hem amaly hyzmatdaşlygyň netijeleri hasaplanýar.

Hyzmatdaşlyk NATO-nyň agzalarynyň borçlaryny ýerine ýetirmeklerine on döwleti taýýarlamaga hem häzirki wagtda kömek edýär. NATO-nyň gapysy täze agza döwletler üçin açykdyr. Ýöne hyzmatdaşlyk NATO girmeklige ýykgyn etmeýän, emma özüniň daşky syýasatynyň we howpsuzlyk ugrundaky syýasatynyň ýörelgelerine goldanyp, Ýewroatlantiki howpsuzlyga öz goşandyny goşýan Demirgazyk Ýewropadaky birleşmedik döwletler üçin özara hyzmatdaşlykda özboluşly esas bolup hyzmat edýär.

Ýewroatlantiki howpsuzlygynyň çagyryşlary özgerýär. Ösüp barýan howplar, şol sanda terrorçylykdan we ösüşe ukypsyz döwletlerden gelip çykýan howplar içerki we daşarky çeşmelere we milletara häsiýete eýe. Baş ugry taýdan derwaýys Balkan sebitinde howpuň kadalylygy saklanyp galýan hem bolsa, Owganystandaky wakalar ýüze çykan hem bolsa, biziň umumy howpsuzlygymyza howp salýan täze howplar Ýewroatlantiki sebitiniň daşky böleklerinden çykýar. Şu ýagdaýlarda halkara kadalylyk we howpsuzlyk köp derejede bir tarapyň içki reformalaryna we beýleki tarapdan giňişleýin halkara hyzmatdaşlygyna bagly bolýar. Howpsuzlyk ugrunda netijeli hyzmatdaşlyk öz mazmuny boýunça demokratiki bazalaýyn ylmy taglymatlar we institutlar bolmazdan mümkin däl. Bu iki ugurda Ýewroatlantiki hyzmatdaşlyk esasy orun eýeleýär.

NATO boýunça bileleşikler we hyzmatdaşlar bilelikdäki ösüşiň çäkleri boýunça özara düşünişmeklige we hyzmatdaşlyga esaslanyp, geljekki nesiller üçin howpsuzlygy döredip, umumy çagyryşlara umumy hereketleri bilen garşy durmak mümkinçiliklerini ýokarlandyrarlar.

“Bu on ýyllygyň şanly senesini bellemek bilen biz öz gazananlarymyza ser salyp bileris. Ýewroatlantiki hyzmatdaşlyk öň tejribesi bolmadyk taryhy göwrümde halkara howpsuzlyk ugrunda hyzmatdaşlygyň we içki özgerişleriň tizligini çaltlandyryja öwrüldi. NATO hemişe bu işleriň merkezinde boldy. Hyzmatdaşlyk hem NATO-nyň esasy işleriniň birine öwrülýär. Ol NATO boýunça bileleşikleriň bähbitlerine hyzmat edýär. Ol hyzmatdaşlaryň bähbitlerine hyzmat edýär. Ol demokratiýanyň we parahatçylygyň bähbitlerine hyzmat edýär.”

“Parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlyk” maksatnamasynyň esaslandyrylmagynyň on ýyllyk şanly senesine bagyşlanyp, 2004-nji ýylyň Türkmenbaşy aýynyň 14-ünde geçirilen Ýewroatlantiki hyzmatdaşlygy geňeşiniň sessiýasyndaky NATO-nyň baş sekretary Ýaap de Hoop Shefferiň çykyşy.

NATO Public Diplomacy Division / Division Diplomatie publique de l'OTAN
1110 Brussels, Belgium / 1110 Bruxelles, Belgique
Web site : www.nato.int
Site web : www.otan.nato.int
E-mail / Courriel : natodoc@hq.nato.int

© NATO / OTAN 2005

Bu makalanyň edilmegi bitin NATO ve hyzmatdaş
dillerinde ön görildi. www.nato.int/docu/pub-form.htm
adresinden Dergeme Böleğinden barlap bilersiňiz:
NATO Public Diplomacy Division – Distribution Unit
Division Diplomatie publique de l'OTAN – Unité de diffusion
1110 Brussels, Belgium / 1110 Bruxelles, Belgique
Tel : +32 2 707 5009
Fax : +32 2 707 1252
E-mail / Courriel : distribution@hq.nato.int

STPART_TRM0405